# *Bazar ykdysadyýeti näme?*



ABŞ-nyň Döwlet Departamenti

# *Bazar ykdysadyýeti näme?*

Maýkl Wotts


**Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 2**

**Görkezme esasynda alnyp barylýan ykdysadyýet we bazar ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . 4**

**Bazar ykdysadyýetinde sarp edijiler . . . . . . . . . . . . . . . . . . 6**

**Bazar ykdysadyýetinde biznes . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10**

**Bazar ykdysadyýetinde işçileriň orny . . . . . . . . . . . . . . . . . 14**

**Bazarlar ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18**

**Bazar ykdysadyýetinde maliýe . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 21**

**Bazar ykdysadyýetinde hökümet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 24**







Tutuş taryh boýy her bir jemgyýet öz tebigy baýlyklarynyň çäginde näme öndürmelidigini we kim üçin öndürmelidigini kesgitlemek ýaly esasy ykdysady mesele bilen ýüzbeýüz bolup gelipdir. XX asyrda özara bäsleşýän iki sany ykdysady ulgamyň, ýagny merkezleşdirilen hökümet tarapyndan ugrukdyrylýan görkezme esasynda alnyp barylýan ykdysadyýetiň we hususy kärhanalara esaslanýan bazar ykdysadyýetiniň bu soraga berýän jogaplary biri-birinden düýpgöter tapawutlanýar. Görkezmä esaslanýan, merkezleşdirilen ykdysadyýet modeliniň ykdysady ösüşi saklap, pajarlap ösüşiň ölçegini gazanyp ýa-da, hatda özüniň raýatlary üçin ykdysady howpsuzlygy-da üpjün edip bilmändigi 20-nji asyryň ahyrynda hemmelere aýandyr.

Eýsem-de bolsa, Günbatar Ýewropadan Demirgazyk Amerika we Aziýa çenli dürli jemgyýetlerdäki üstünligine garamazdan, beýlekisiniň, ýagny bazar ykdysadyýetiniň esasy prinsipleri we mehanizmleri köpler üçin näbelli ýa-da düşnüksiz bolmagynda galýar. Munuň bir sebäbi-de bazar ykdysadyýetiniň ideologiýa däl-de, şahsy adamlaryň we jemgyýetleriň ýaşaýşydyr ykdysady taýdan pajarlap ösüşine degişli wagt synagyndan geçen tejribeleriň we düzgünleriň toplumy bolmagydyr. Bazar ykdysadyýetleri öz tebigatyna görä merkezleşdi-



rilen bolman, çeýe, durmuşa uýgun we üýtgemäge ukyplydyr. Bazar ykdysadyýetleri baradaky esasy fakt hiç hili merkeziň ýoklugydyr. Hakykatdan-da, hususy bazaryň özenini „göze görünmeýän el“ diýen meňzetme aýdyň beýan edýär.

Bazar ykdysadyýetleri daşky şertlere baglylykda üýtgäp biler, emma ol şahsyýet azatlygynyň sarp edijiniň özara bäsleşýän önümleriň we hyzmatlaryň arasyndan saýlap almak azatlygy; öndürijiniň öz işine başlamak, ony giňeltmek, onuň töwekgelçiliginidir hözürini paýlaşmak azatlygy; işçiniň iş ýa wezipe saýlap almak üçin, kärdeşler arkalaşygyna girmek ýa-da bir iş berijiden başga birine geçmek azatlygy ýaly baş prinsiplerine esaslanýar.

Azatlygyň, töwekgelçiligiň we mümkinçiligiň şu tassyklanmasy häzirki zaman bazar ykdysadyýetini we syýasy demokratiýany birleşdirýän halka bolup durýar.

Bazar ykdysadyýetinde-de adalatsyzlyklardyr hyýanat ýok däldir, özem olaryň köpüsi örän çynlakaýdyr, emma häzirki zaman hususy işiniň we telekeçilik ruhunyň syýasy demokratiýa bilen bileleşip, azatlygy gorap saklamak üçin iň gowy mümkinçilikleri hödürleýändigi, şeýle hem hemmeleriň ykdysady taýdan ösüşi we öňe gitmegi üçin iň giň ýoly üpjün edýändigi-de jedelsizdir.



# GÖRKEZME ESASYNDA ALNYP BARYLÝAN YKDYSADYÝET WE BAZAR YKDYSADYÝETI

Çörek, et, geýim-gejim, sowadyjy, jaý ýaly önümler häzirki wagtda dünýäniň her bir ýurdunda öndürilýär we satylýar. Şu önümleriň öndüriliş usuly we olary öndürmek üçin ulanylýan maddy-tehniki serişdeler köplenç dürli ýurtlarda diýseň birmeňzeşdir, meselem, çörek un, suw, we duz, köplenç halatda bolsa şekerdir hamyrmaýa goşmak arkaly peçlerde bişirilýär. Bişirilenden soň, çörekler dükanlarda satylýar. Bu iş, hatda dürli ykdysady ulgamly ýurtlarda-da, iň bolmanda daşyndan göräýmäge birmeňzeş bolup görünýär.

## *Geýim önümçiligine degişli görkezme häsiýetli kararlar*

Göze görnüp duran ýaňky meňzeşliklere garamazdan, eger-de biz Demirgazyk Amerikadaky, Günbatar Ýewropadaky we Ýaponiýadaky bazar ykdysadyýetini öňki Sowet Soýuzyndaky, geçen asyryň ikinji ýarymynda Gündogar Ýewropadaky we Aziýanyň bir bölegindäki görkezme esasynda dolandyrylýan ykdysadyýet bilen deňeşdirsek, haýsy önümleriň öndürilmelidigini, nähili öndürilmelidigini, olaryň haýsy bahadan satylmalydygyny we olary kimiň satyn aljakdygyny kesgitlemek üçin ulanylýan usullaryň düýpgöter başgadygyna göz ýetirýäris. Şol aratapawudy has anyk görmek üçin, iki dürli ulgamda şol bir önümi, aýdaly, erkek we aýal köýneklerini öndürmek babatynda önümçiligedir satyşa degişli kararlaryň nähili kabul edilýändigine garap geçeliň.

Görkezme esasynda alnyp barylýan ykdysadyýetde bu önümleriň möçberini we olary haýsy kärhanalaryň öndürjekdigini ykdysady meýilleşdirijilerdir önümçilik bilermenleriniň döwlet komiteti, şeýle hem syýasy resmi adamlar kesgitleýärler. Şonuň ýaly-da, merkezi meýilleşdiriş komitetleri bu köýnekleriň bahasyny we olary öndürýän işçileriň iş haklaryny-da kesgitleýärler. Merkezde kabul edilen hut şu kararlaryň toplumy geýimdir beýleki önümleriň mukdaryny, görnüşini we bahasyny-da kesgitleýär.

Öňünden belli bolşy ýaly, çäkli görnüşde bolan bu önümler derrew satylyp, dükanlaryň tekjelerinden ýitip gidýärler. Näme üçin? Sebäbi kärhanalar ýeterlik mukdarda önüm öndürip bilmändirler, belki-de, merkezi meýilleşdiriş topary özleriniň kesen bahasyndan näçe adamyň köýnek satyn almak isleýändigini kesgitläp bilen däldir. Bu sebäpleriň haýsy bolanda-da, meýilleşdirijiler önümçiligi artdyrmak we bahalary galdyrmak ýa-da bularyň ikisini-de amala aşyrmak üçin çäre görmeseler, önüm ýetmezçiligi dowam eder.

Görkezme esasynda dolandyrylýan ykdysadyýetde ilatyň we täze önümleriň sanynyň artýandygy, hiliniň ösýändigi sebäpli, merkezi meýilleşdirijiler üçin sarp

edijileriň isleg bildirýän köp harytlarynyň gytlygynyň öňüni almak ýa-da isleg bildirilmeýän artykmaç önümleri aradan aýyrmak şonça-da kyn bolýar. Barha köp önüm öndürilýän, ilat sanynyň barha artyp barýan we önümçilik tehnologiýasynyň barha tiz üýtgeýän şertlerinde merkezi meýilleşdirijileriň kabul etmeli kararlarynyň sanynda, şeýle hem milli ykdysadyýetiň bütewi planyna täsir etjek säwlige ýol bermek ähtimallygy-da artýar.

Bazar ykdysadyýetlerinde beýle ýagdaý ýok, sebäbi ykdysady ulgamyň bu görnüşi düýbünden başgaça usulda işleýär. Birinjiden, näçe erkek ýa aýal köýneginiň öndürilmelidigini, ýa-da olaryň haýsy biçüwde we reňkde öndürilmelidigini hiç bir ministrlik kesgitlemeýär. Bazar ykdysadyýetinde her kes, ýagny şahsy adam bolsun ýa kompaniýa, erkek hem aýal köýnegini öndürmek we satmak kararyna gelip biler. Köpler muny şol önümleri önümçilik çykdajylaryny ödäp biljek ýokary bahadan satyp biljekdigine we başga bir iş edenden şu hili geýimi öndürip, köpräk pul gazanyp boljakdygyna ynamy bolsa, ederler. Bu bolsa şu hili önümleri öndürýän we satýan dürli firmalaryň gönüden-göni bäsdeşligine alyp barýar. Şol bäsdeşlik hem bazar ykdysadyýetinde alyjylar üçin saýlap alar ýaly dürli-dürli biçüwleriň, matalaryň, şeýle hem dürli kärhanalaryň önüm görnüşleriniň bolmagynyň esasy sebäpleriniň biridir.

Eger-de sarp edijiler birnäçe aýlap we birnäçe ýyllap erkek we aýal köýnekleriniň şol bir görnüşini satyn almagy karar etseler, elbetde, öndürijiler şol geýimleriň başga görnüşlerini öndürmekligiň manysyzdygyna tiz wagtdan göz ýetirerler. Emma dürli-dürli geýimleriň arasyndan saýlap almak mümkinçiligi bolan ýerinde beýle bolmaýar.

## *Köýnekleriň bahasy*

Bazar ykdysadyýetiň ýene bir möhüm tarapy-da dükanlarda satylýan erkek we aýal köýnekleriniň, şeýle hem beýleki önümleriň bahalarynyň döwlet meýilleşdiriş komiteti tarapyndan kesgitlenman, her bir satyjynyň üýtgäp durýan bazar şertlerine baglylykda bahalary ýokarlandyrmaga ýa-da aşaklatmaga erkin hukugynyň barlygydyr. Meselem, eger-de erkek köýneginiň bir görnüşi belli bir wagtlap örän ýörgünli bolsa we dükanlar onuň indiki tapgyry gelýänçä satylyp gutarylmagyndan ynjalyksyzlanýan bolsalar, şonuň ýaly erkek köýnekleriniň bahalary, adatça, iň bolmanda olaryň täze tapgyry gelýänçä, gymmatladylýar. Bu gymmatlaşyk şol bir wagtyň özünde iki zady amala aşyrýar: birinjiden, köýnegiň bu görnüşini onuň beýleki görnüşine we başga önümlere garanyňda gymmadraklygy sebäpli sarp edijileriň käbiri olary – az, beýleki zatlary bolsa köp satyn alarlar. Ikinjiden, köýnekleriň gymmat satylmagyndan gelýän girdejileriň döwlete däl-de, gös-göni köýnek öndürijilere we satyjylara girýändigi sebäpli, köýnek öndürýän we satýan firmalaryň girdejileri artyp, olar üçin köpräk köýnek öndürip satmak mümkinçiligi döreýär. Beýleki önümleri öndürýän firmalar hem köýnek öndürijileriň alýan şol ýokary peýdalaryny görýärler. Bu bolsa käbir firmalaryň başga önüm öndürmegini bes edip, şol ýörgünli köýnekleri öndürip başlamagyna alyp barýar.

Şu sebäpleriň ählisine, ýagny sarp edijileriň az köýnek satyn alýandygyna, köýnek öndürijileriň köpräk köýnek öndürýändigine we başga firmalaryň köýnek öndürmäge başlamagy niýet edýändigine görä, gytçylyk diýen zat tiz wagtdan aradan aýrylar. Şu ýerde merkezi meýilleşdiriş komitetiň şu kararlaryň hiç birini kabul etmeýändigini bellemelidir. Aslynda, bu proses çalt, käbir derejede özözünden we anyk bolup geçýär, sebäbi sarp edijileriň we öndürijileriň kararlary merkezden kabul edilen däldir.

## *Bazarlar*

Köýnekleriň gymmatlygy her bir sarp edijini we önüm öndürijini şunuň ýaly hereket etmäge iterýär, sebäbi, olaryň öz kararlarynyň netijesini görmäge, şol bir wagtda onuň bilen baglanyşykly çykdaýjylary we töwekgelçilikleri çekmäge hukugy bardyr. Meselem, gymmadrak bahany töläp bilýän sarp edijiler şonda-da iň ýörgünli köýnekleri satyn alyp bilerler, emma, olar muny etmek üçin has köp puldan (netijede beýleki harytlardan we hyzmatlardan) geçmeli bolýarlar.

Bazaryň önümçilik tarapynda bolsa geçginli köýnekleri öndürýän firmalar olary bäsleşikli bahalardan satyp peýda gazanyp bilýärler. Emma isleg bildirilmeýän önümleri öndürýänler ýa-da öndürijiliksiz işleýän we öz önümlerini öndürmek üçin has köp çykdajy edýän öndürijiler ýitgä sezewar bolarlar. Netijede, olar ýa-ha sarp edijileriň bäsleşikli bahadan almak isleýän önümlerini öndürmek arkaly öndürijilikli işlemegi we bäsleşmegi öwrenmeli ýa-da bu işden gitmeli bolarlar, onsoň olaryň kärhanasyny, abzallaryny we beýleki serişdelerini başga biri eýelär. Gysgaça aýdanyňda, bazar ykdysadyýetinde ykdysady başlangyçlar şeýle usulda işleýär.

Hut şu esasy prosess köp dürli görnüşli bazarlarda hereket edýär, ýagny bahany, şol sanda adamlaryň öz edýän işiniň, olaryň iýýän iýmitiniň, bankda saklaýan ýa-da ondan karz alan pulunyň bahasyny-da ýokarlandyryp ýa-da aşakladyp bolýan islendik ýerde bolup geçýär.

Eýsem-de bolsa, bazar ykdysadyýeti jadyly çözgütleri hödürlemeýär, şonuň üçin-de, hususy bazarlaryň ulgamy tarapyndan doly çözülip bilinmejek meseleleri çözmäge kömek etmekde döwlet aýgytly rol oýnaýar. Üstesine-de, bazar ykdysadyýetiniň şu günki günüň dünýä ykdysadyýetindäki inflýasiýa, işsizlik, hapalanma, garyplyk we halkara söwdasyna päsgelçilikler ýaly wajyp jemgyýetçilik syýasy meselelerine hiç hili dahyly ýokdyr.

Ýöne, ýokardan görkezme esasynda dolandyrylýan ykdysadyýetiň aýrylmaz ýetmezçilikleri we nesilden nesle geçýän netijesizlikleri bilen deňeşdireniňde, erkin bazar ykdysady ulgamy ykdysady ösüş, tehnologiýanyň öňe gitmegi we rowaçlyk üçin uly mümkinçilikleri hödürleýär.



# BAZAR YKDYSADYÝETINDE SARP EDIJILER

Bazar ykdysadyýetinde-de, görkezme esasynda dolandyrylýan ykdysadyýetde-de sarp edijiler şol bir kararlary kabul edýärler: olar öz büjetleriniň çäginde azyk, geýim-gejim, jaý, ulag satyn alýarlar, göwün açyş hyzmatlaryndan peýdalanýarlar we mundan-da köp zatlary satyn almaga mümkinçilikleriniň bolmagyny isleýärler. Emma sarp edijiler görkezme esasynda dolandyrylýan ykdysadyýetdäkä garanyňda, bazar ykdysadyýetiniň işleýşinde has wajyp rol oýnaýarlar. Hakykatdan-da, bazar ykdysadyýeti käwagtlar sarp edijileriň özygtyýarlylygynyň ulgamy hökmünde suratlandyrylýar, sebäbi bazar ykdysadyýetinde alyjylaryň serişdelerini nämä sarp etmelidigi baradaky gündelik gelýän kararlary köp derejede haýsy önümleriň öndürilmelidigini we hyzmatlaryň hödürlenmelidigini kesgitleýär. Bu nähili bolup geçýär?

## *Apelsin we kompýuter mikroshemalarynyň satyn alnyşy*

Aýdaly, bir maşgala – Robert we Mariýa iki çagasy bilen öýle nahary üçin azyk önümlerini satyn almaga bazara gidýär. Olaryň ilkibaşda towuk etini, pomidor we apelsin satyn almak pikirinde bolan bolmaklary mümkin; emma ol harytlaryň bazar bahasy olaryň bu islegine güýçli täsir edip biler.

Meselem, olar bazara baranda, apelsiniň gymmatlan bolmagy mümkin. Onuň gymmatlamagynyň ösdürilip ýetişdirilýän ýerinde aýazly howa bolup, ekiniň uly böleginiň sowuk urmagy ýaly, birnäçe sebäbi bolup biler. Eýsem-de munuň netijesinde az hem bolsa apelsin satyn almaga synanyşýan alyjylaryň şol bir sany saklanyp galýar. Şonuň üçin-de, eger öňki, ýagny, arzan bahadan satsalar, indiki hasyla çenli apelsin satylyp gutarar. Ýöne bahanyň galmagy hemme alyjylary öňküden az apelsin almaga mejbur edýär, öndürijileri bolsa mümkin boldugyça, tiz wagtyň içinde has köp apelsin ýetişdirmeklige iterýär.

Bu ýerde başga-da bir mümkinçilik bar: üpjün edijiler beýleki ýurtlardan köpräk apelsin getirmeklik pikirine-de gelip bilerler. Halkara söwdasyna az pasgelçilikler ýa-da import salgytlary (olara tarifler diýilýär) esasynda işlemäge rugsat edilen ýagdaýynda ol alyjylara köp dürli haryt hödürläp, öndürijilere bolsa apelsinden başlap awtoulaglara çenli önümleriň giň görnüşleri üçin has bäsleşikli bahalary teklip etmeklige mümkinçilik berip biler.

Başga bir tarapdan, apelsini sowukdan gorap bolar, emma alyjylaryň apelsini köp, almany az satyn alyp başlamaklary mümkin. Başgaça aýdanyňda, apelsiniň üpjün edilişi kemelmezden, oňa bolan isleg artýar. Bu ýagdaý hem apelsiniň bahasynyň wagtlaýynça gymmatlamagyna, iň bolmanda apelsin ýetişdirijiler bazara has köp mukdarda apelsin getirýänçäler, gymmatlamagyna sebäp bolýar.

Bahalaryň haýsy sebäbe görä gymmatlandygyna garamazdan, Robert we Mariýa olaryň öz güman edişlerinden has ýokarydygyny bilensoňlar, öňünden aýdyp boljak bir



şekilde hereket ederler, ýagny olar öň gümän edenlerinden az apelsin ýa-da oňa derek alma ýa-da başga bir miwe satyn almak kararyna gelerler. Başga-da köp alyjylaryň edil şunuň ýaly karara gelmekleri sebäpli, apelsin dükänlaryň tekjelerinden doly ýitip gitmez, emma öňküsinden gymmadrak bolar, şeýlelikde, diňe ony satyn almak islegi bolan we gymmat bahany tölemäge gurby çatýan adamlar olary satyn almaklaryny dowam etdirerler. Gysgaça aýdanyňda, apelsine derek alma we beýleki miweleri köp adam satyn almaga başladygyça, ol miweleriň bahasy-da gymmatlar.

Eýsem-de bolsa, alyjylaryň özlerini alyp barşy apelsinleriň bahasyny kesgitleýän deňlemäniň diňe bir tarapy, ýagny isleg tarapydyr. Eýsem, beýleki bir tarapda, ýagny, üpjün ediş tarapynda näme bolup geçýär? Apelsinleriň gymmatlamagy ähli miwe ýetişdirijilere „adamlar miwe üçin köp pul töleýärler“ diýip habar berýär, bu bolsa ony ýetişdirijilere miwäni häzir köp serişde ulanyp ýetişdirmegiň öňki döwürdäkä garanyňda özüni gowy ödejekdigini duýdurýar. Şeýle hem, miweçilere täze baglary ekmek üçin, miwäniň ýaramaz howadan zeper ýetmejek täze ýerlerini gözlemek hem özüni ödeýär. Şonuň ýaly-da miweçiler miwäniň sowuk howa, mör-möjeklere we ösümlikleriň birnäçe kesellerine garşy durnukly täze sortlarynyň üstünde iş alyp barmaklary üçin biologlaryň işine-de hak töläp bilerler. Wagtyň geçmegi bilen bu işleriň ählisi miwe öndürilişini artdyrar we bahalary ýene öňki ýagdaýyna getirer. Ýöne tutuş şu proses ilkinji nobatda alyjynyň öz girdejisiniň bir bölegini apelsin we beýleki miweleri satyn almaga sarp etmek baradaky esasy kararyna bagly bolup durýar.

Eger alyjylar haýsy-da bolsa bir sebäbe görä, satyn almaklaryny bes etseler ýa-da önüme az pul sarp etmek pikirine gelseler, bahalar aşaklar. Eger-de olar köp satyn alyp islegi artdyrsalar, bahalar ýokarlanar.

Üpjünçiligiň, islegiň we bahalaryň özara täsiriniň diňe halk köpçüligine satylýan köpçülikleýin sarp edilýän harytlar babatynda däl-de, eýsem ykdysadyýetiň her bir derejesinde bolup geçýändigini unutmaň. Sarp etme aralyk harytlara, ýagny kompaniýalaryň öz harytlarydyr hyzmatlaryny üpjün etmek üçin satyn alýan maddy-tehniki serişdelerine hem degişlidir. Bu aralyk ýa-da maýa goýumlyk harytlaryň gymmady üpjünçiligiň we islegiň deňlemesini her bir derejede üýtgedip, tutuş bazar ykdysadyýeti boýunça tolkun atyp geçer.

Geliň, häzirki zaman kompýuter rewolýusiýasynyň özeni bolup duran ýarymgeçiriji mikroshemany mysal alyp göreliň. Edil apelsin babatynda bolşy ýaly, bahalaryň ýokary bolmagy kompýuter mikroshemalaryna bolan islegi azaldar, munuň netijesinde bolsa kompýuterleriň özüne-de bolan isleg kemeler. Emma, wagtyň geçmegi bilen, ýokary bahalar kompýuter mikroshemalaryny öndürijilere öz önümçiligini artdyrmaklygyň peýdaly boljakdygynyň ähtimaldygyny ýa-da (mikroshemalar bilen) täze üpjünçilere bazara girmegiň ýollaryny ölçäp bilmelidigini habar berer. Mikroshemalaryň bahasy aşaklasa, (olary öndürmäge gerek bolan beýleki maddy-tehniki serişdeleriň bahasy üýtgemän galan ýagdaýynda-da) kompýuterleriň bahasy-da aşaklar we komýuterlere bolan isleg artyp başlar.

Kompýuterlere bolan şol isleg diňe bir üpjün edijileriň özleriniň önümçiligini artdyrmaklygyna itergi bermän, eýsem başga-da köp zada sebäp bolar. Bu öňki modeldäki kompýuter mikroshemalaryna we kompýuterlerine garanyňda has güýçli kompýuter mikroshemalarynyň we kompýuterleriň döremegine getirjek täzelikçilige, ýagny ähli hakyky erkin bazarlarda bolup geçýän ösüşiň we bahanyň bäsleşigine alyp barar.

## *Bahalar we sarp edijileriň girdejileri*

Sarp edijileriň bir zat satyn alanda ýa hyzmatlardan peýdalananda, oýlanyşykly çemeleşmeli başga bir ykdysady faktory-da olaryň girdejisiniň möçberidir. Adamlaryň aglabasy öz girdejilerini lukman, agaç ussasy, mugallym, suwçy ussa, ýygnaýjy liniýanyň işçisi ýa-da bölek satuw dükanlaryndaky satyjy hökmünde özleriniň ýerine ýetirýän işlerinden alýarlar. Käbir adamlar öz eýeçiligindäki ýeri ýa-da beýleki tebigy baýlyklaryny kärendesine bermek ýa-da satmak arkaly, söwda ýa telekeçilik işiniň peýdasy hökmünde ýa-da özleriniň bankda saklaýan puluna ýa beýleki maýalaryna tölenýän göterimden girdeji alýarlar.

Şonuň ýaly tölegleriň möçberiniň kesgitleniş usulyny biz birneme soňra beýan ederis; ýöne şu ýerde wajyp meseleler şulardyr: 1) bazar ykdysadyýetinde sarp edijileriň isleglerini kanagatlandyrýan harytlary öndürmek we hyzmatlary hödürlemek üçin ulanylýan esasy gorlara hususy alyjylar we maşgalalar tarapyndan eýelik edilýär; we 2) maşgalalaryň ol önümçilik gorlary üçin alýan tölegleri ýa-da girdejileri artyp-kemelip dur, şeýle hem bahalaryň üýtgäp durmagy alyjylaryň öz isleg bildirýän harytlarynadyr hyzmatlaryna sarp edip biljek pulunyň möçberine gönüden-göni täsir edýär, bu bolsa öz gezeginde şol önümleri satýan firmalaryň önüm mukdaryna täsirini ýetirýär.

Aýdaly, bir işçi ýaňy-ýakynda pensiýa çykypdyr. Ol indi işleýän döwründe gazanýan pulunyň diňe 60 %-mini gazanýar. Diýmek, satyn alýan harytlarynyň we peýdalanýan hyzmatlarynyň sanyny, esasan-da işe gidip-gelmek üçin ulagdyr iş geýimlerini satyn almak ýaly, öz işi bilen bagly bolan çykdajylaryny kemelder, emma kitapdyr ulanylmagy üçin has köp boş wagtyňy talap edýän dynç alyşda gerekli harytlar ýaly beýleki birnäçe önümlere pul sarp etmegini artdyryp biler, belki-de täze ýerleri we köne dostlaryny görmek üçin syýahat etmäge gider.

Eger-de häzirki wagtda köp ýurtlarda bolşy ýaly, pensiýa ýaşyna ýeten adamlaryň sany ýokary tizlik bilen artýan bolsa, pul sarp etmegiň üýtgäp duran nusgalary saglygy goraýyş hyzmatlary ýaly, pensiýa ýaşdaky adamlaryň beýlekilere garanyňda has köp ulanýan hyzmatlarydyr önümleriniň, şeýle hem başga birnäçe önümleriň bazar bahalaryna we öndüriliş möçberine täsir eder. Netijede, käbir kärhanalaryň pensiýa ýaşdaky adamlaryň talabyny we islegini kanagatlandyrmaga niýetlenen önümleridir hyzmatlary has köp hödürlemekligi karar etmekleri mümkin, ýöne haçanda olary öndürmek firmalar üçin girdejili bolan halatynda olar şeýle karara gelip bilerler.

Jemläp aýdanyňda, ýaş ýa garry bolsun, erkek ýa aýal bolsun, baý, garyp ýa orta synpdan bolsun, sarp edijileriň harçlaýan her bir dollary, pesosy, funty, franky, rupiýasy, markasy ýa-da ýeni önüm öndürijilere edilen bir ýşaratdyr, ýagny özleriniň haýsy önümleriň öndürilmegini we hyzmatlaryň hödürlenmegini görmek isleýändiklerini aýdýan ykdysady sesdir.

Sarp edijiniň harçlaýan puly bazarda satylýan önümlere bolan islegiň esasy çeşmesidir. Bu bolsa harytlaryň we hyzmatlaryň bazar bahasyny kesgitleýän zadyň ýarysydyr. Beýleki ýarysy bolsa kärhanalaryň näme öndürmelidigi we ony nähili öndürmelidigi barada gelýän kararlaryna baglydyr.

# INFLÝASIÝA WE BAZAR YKDYSADYÝETINE GEÇIŞ

Merkezleşdirilen ykdysadyýetden bazar ykdysadyýetine geçilende, jemgyýetleriň duçar bolýan iň eýgertmeýän meseleleriniň biri inflýasiýadyr. Eýsem-de bolsa, ol bazar ykdysadyýetiniň berip biljek maddy baýlyklaryndan peýdalanmak isleýän her bir jemgyýetiň ýüzbe-ýüz bolmaly kynçylygydyr.

Anygyny aýdanyňda, inflýasiýa näme? Bu ykdysadyýetde öndürilip satylýan harytlaryň we üpjün edilýän hyzmatlaryň ortaça bahalarynyň ýokarlanmagydyr. Adatça, bazar ykdysadyýetinde inflýasiýa şu iki sebäbiň birine görä ýüze çykýar: ýa önüm öndürijileriň harytlardyr hyzmatlaryň üpjün edilişini artdyrmagyna garanyňda adamlar öz sarp etmelerini has tiz artdyrýarlar, ýa-da sarp edijileriň we/ýa-da önüm öndürijileriň harytlardyr hyzmatlar bilen üpjün edilişi kemelýär, bu bolsa bahalaryň ýokarlanmagyna getirýär. Kähalatlarda inflýasiýa harytlaryň kemelýän sanynyň yzyndan kowalaýan puluň artýan möçberi hökmünde suratlandyrylýar.

Inflýasiýa geçiş döwründäki ykdysadyýetlere agyr zarba urýar, sebäbi bahalaryň erkine goýberilmegi, ýagny döwletiň bahalara gözegçiliginiň aýrylmagy bazar ykdysadyýetine tarap ädilýän aýgytly ädimdir. Bahalaryň şeýle erkine goýberilmeginiň başlangyç netijesini öňünden aýdyp bolýar – hemişe gyt bolan harytlaryň bahalarynyň möwjäp galmagy. Näme üçin? Hökümetiň bahalary emeli usulda pes saklandygy ýa-da hökümetiň karar kabul edijileri tarapyndan döredilen beýleki ykdysady ýoýulmalar we netijesizlikler sebäpli isleg teklipden öňe geçdi. Üstesine-de, eger geçiş döwründe puluň köp mukdary halkyň elinde bolsa, inflýasiýa has-da güýçli bolup biler we satyn almak üçin olaryň hümmeti pes bolar.

Ýöne, geçiş döwründe inflýasiýanyň gaçyp gutulgysyz tutluşygyna çydamagyň höziri hakykydyr. Hökümetden azat bolandan soň, üpjün edişiň we isleginiň bazar mehanizmleri işe başlap biler, emma ilkibaşda haýal bolýandygyna we agsaklaýandygyna garamazdan bahalaryň gymmat bolmagy berk isleginiň bardygyny habardar edýär we oňa önümçiligiň artdyrylmagy bilen jogap berýär.

Adamlaryň pulunyň hümmetini ýitiren bolmagy mümkin, emma häzir olarda bar bolan pul hakykydyr we sarp edijiler dükanlarda peýda bolup başlaýan harytlary satyn alyp bilerler. Üpjün edişiň artmagy bilen bahalar durnuklaşýar we sarp edijileriň satyşa dürli-dürli önümleriň barha köp çykaryljakdygyna düşünýändikleri sebäpli dükanlardaky uzyn nobatlar ýok bolup başlaýar.

Täze ykdysady azatlyk netijesinde telekeçiler we maýadarlar täze kärhanalary açmak we harytlary hem-de hyzmatlary üpjün etmekde bäsleşmek arkaly, şeýle-de iş ýerlerini döretmek bilen üpjün edilişi giňeldip we bahalaryň mundan-da beýläk arzanlamagyna sebäp bolýarlar.

Şu geçiş döwründe esasy zat hökümetiň bahalary kesgitlemekdäki öz rolundan el çekmekdir we bazary ýöredýän güýç bolan isleg hem teklibe harytlardyr hyzmatlaryň ähli görnüşlerine baha kesmäge ygtyýar bermekdir. Inflýasiýanyň şeýle erkin bazar döredilende-de dowam etmegi mümkin, emma ol irki, ykdysady geçiş döwründäki agyr günlere garanda has oňşarlykly we howpsuzrakdyr.

Geçiş ykdysadyýetindäki bahalaryň çendenaşa ýokarlanmagy zerarly döräp, „giperinflýasiýa“ hökmünde tanalýan tozgunlyk we agyry hemmelere açyk-aýdyň mälimdir. Ýöne, bazar ykdysadyýetlerine mahsus inflýasiýanyň pes derejesi-de mesele bolup bilermi? Hiç hili inflýasiýa bolmanda-da, 100 ýyl mundan ozalky şol bir bahalardyr şol bir pes girdeji bilen adamlaryň ýagdaýy gowulanarmy? Elbetde, ýok. Eger-de Robertdir Mariýanyň girdejisi 10 esse artsa, ýöne olaryň satyn alýan zatlarynyň bahasy-da şonça gymmatlasa, olaryň maddy ýagdaýy öňküligine galar.

Gysga wagtyň içinde, bazar ykdysadyýetinde adamlaryň inflýasiýa bilen baglanyşyklylykda gysga wagtlyk aladasynyň sebäbi bahalar gymmatladygyça, girdejidir baýlygyň işçilerdir kärhanalaryň önümçilik derejesine ýa-da öndürijiligine garamazdan erkin usulda gaýtadan paýlanylýanlygydyr.

Meselem, aýdaly Robertdir Mariýa jaý satyn alanlarynda 10 göterimi bilen pul karz alypdyrlar. Soň inflýasiýanyň derejesi 5%-den 15% çenli ýokarlanýar. Olar mundan peýda görerler, sebäbi olaryň karzyny yzyna gaýtarmak üçin töleýän pulunyň hümmeti jaý satyn almak üçin karz alan pulunyňkydan pesdir. Başgaça aýdanyňda, ol pula öňki pula alyp boljak harytdyr hyzmatlar düşmeýär. Şonuň üçin, bu Robertdir Mariýa üçin gowy, olara karz beren adam üçin bolsa erbet habardyr.

Hut şu sebäbe görä, kesgitli möçberde pensiýa ýa uzak möhletli şertnama esasynda kesgitli möçberde başga tölegleri alýanlara inflýasiýa zarba urýar, şol şertnamalarda görkezilen tölegleri töleýänler bolsa utuş gazanýarlar. Goýumçylar we maýadarlar hem urga sezewar bolýarlar, sebäbi inflýasiýa olaryň pulunyň hümmetini peseldýär. Tersine, karzlaryny ýa-da beýleki borçlaryny hümmeti gaçan pul bilen tölemäge mümkinçiligi bolan adamlar adatça utuş gazanýarlar, elbet-de inflýasiýanyň derejesine baglylykda göterim derejesiniň we beýleki tölegleriň möçberiniň üýtgedilmegine rugsat edilmese.

Ýurtlara has düýpli girdeji çeşmesine, ýagny jaýlara, kärhanalara we täze tehnologiýalara maýa goýmak üçin süýşürintgilerdir karz serişdeler gaznasy gerek. Şol sebäpli, süýşürintgi goýujylary jezalandyrmak arkaly, inflýasiýa ýurduň ösüşini kemeldip, öňe gidişini togtadyp biler. Giňişleýin aýdanyňda, inflýasiýa biznesiň we ykdysady dünýäniň öňünden kesgitlenmegini kynlaşdyrýar, bu bolsa beýleki ýurtlardaky hiç hili inflýasiýasyz ýa-da inflýasiýasy pes bolan maýa goýumlaryny has-da özüneçekiji edýär. Kompaniýa inflýasiýanyň derejesi 10-dan 15% çenli üýtgäp durýan ýurtda kärhana gurarmy ýa inflýasiýanyň derejesi hemişelik 2,5% düzýän ýerdemi? Elbetde, soňkusynda. Şu nukdaýnazardan inflýasiýa her bir ýekebara adamyň we kärhananyň ykdysady ýagdaýyny harap etmek bilen utandan utulanyň köp bolmagyna alyp barýar.

Şu sebäpleriň ählisine görä, hökümetiň durnuklaşdyryş syýasaty ykdysady ösüşi höweslendirmäge bolan zerurlygy inflýasiýa gözegçilikde saklamaga bolan talap bilen deňagramlaşdyrmalydyr.



# BAZAR YKDYSADYÝETINDE BIZNES

Görşümiz ýaly, bazar ykdysadyýetinde firmalaryň üstünligi sarp edijileriň isleg bildirýän önümlerini öndürmek arkaly olaryň isleginiň kanagatlandyrylyşyna we harytlaryň başga kärhanalaryň bäsdeşligine garşy durup biljek bahadan satylmaklygyna, şeýle hem hyzmatlaryň hödürlenmegine baglydyr. Bu iş firmalardan her bir ykdysady ulgamyň ýüzbe-ýüz bolýan iň wajyp soraglarynyň birine, yagny, „jemgyýet nähili usulda harytlary we hyzmatlary has netijeli öndürip biler?“ diýen soraga oýlanyşykly jogap tapmaklygy talap edýär. Beýle diýmek bazar ykdysadyýetinde önüm öndürijileriň ulanýan maddy-tehniki serişdelerinden alynýan önümçilikden iň ýokary öndürijiligi gazanmagy aňladýar.

## *Welosiped öndürilişi*

Geliň, welosiped ýasap satmak bilen meşgullanmagy niýet edýän bir firmanyň işini alyp göreliň. Islendik telekeçi ýa-da kompaniýa şunuň ýaly biznese başlamazdan öň, birnäçe faktorlary derňäp görmelidir. Birinji, sarp edijileriň welosipediň täze markasyna bolan islegi näçe we

onuň tebigaty nähili? Standart kysymly welosipedler üçin ýeke-täk, uly bazar barmy ýa-da welosiped bazary çagalar welosiped bazary, çapyşyk welosiped bazary, iki adamlyk welosiped bazary diýen ýaly birnäçe ýöriteleşdirilen kiçiräk bazarlaradyr bazar bölümlerine bölünenmi? Daglyk ýerlerde sürülýän welosipedleriň birdenkä ýörgünli bolmagy, ýagny ýol-ýodasyz ýerde sürüp boljak welosipedleri ýasamak ýaly, täze ugruň-da peýda gazanmak mümkinçiligini görýän täze önüm öndürijileri özüne çekmegi mümkin. Beýleki tarapdan, işewür üpjünçileriň standart welosipedleri öndürmekligiň öňdebaryjy tehnikasyny işläp düzmekleri ýa-da has arzan işçi güýjüni ulanmaklary-da ähtimal, netijede firma öz bäsdeşlerine garanyňda has arzan bahaly önümi bazara çykaryp, peýda gazanyp biler.

Welosipedler diňe bir köp görnüşli bolmak bilen çäklenmän, eýsem müňlerçe birmeňzeş böleklerini galyplap çykarýan ýokary derejede awtomatlaşdyrylan liniýany ulanmak arkaly gurnamakdan başlap, köpräk işçi güýjüdir azrak abzal ulanyp, sarp edijileriň halaýan welosiped modelini döretmek we öndürmek ýaly ýasalyş usuly boýunça-da tapawutlanýar. Bazar ykdysadyýetinde şunuň ýaly kararlary kabul edýän firma şeýle önümleri satyn alýan we satýan adamlaryň özüni alyp barşynyň netijesinde gymmatlap ýa-da arzanlap biljek birnäçe dürli bahalar barada ýene-de bir gezek oýlanmalydyr.

Meselem, firmanyň maddy-tehniki serişdeleri almak üçin tölemeli pulunyň möçberi onuň welosiped ýasamakda poladyň, alýumininiň, işçi güýjüniň, tehnikadyr beýleki materiallaryň näçe mukdaryny ulanjakdygyny kesgitlemekde esasy rol oýnajakdygy açyk-aýdyňdyr. Eger polat gymmatlap, alýuminiý arzanlasa, welosiped öndüriji firmalaryň köpüsi köpräk alýuminiý we azrak polat ulanmagyň ýollaryny agtararlar. Şonuň ýaly-da, işçileriň iş hakynyň üzül-kesil ýokarlanmagy firmalary köpräk tehnika ýa maýa, emma azrak işçi zähmetini ulanmaga iterer. Firmalaryň öz maddy ätiýaçlyk serişdelerini ammarlarda bir ýerden başga ýere geçirmek üçin az işçi ulanar ýaly köpräk çarşakly ýük göteriji maşyn satyn almak kararyna gelmegi ýa-da welosiped ýasalanda, gündelik we gaýtalanyp durýan kebşirleme işini ýerine ýetirmek üçin köpräk tehnika ulanmagy, netijede, bu iş üçin azrak işçini hakyna tutmagy-da mümkin. (Munuň netijesinde, welosiped öndürýän firmalaryň ulanýan kebşirleýji tehnikasyny öndüriji kärhanadaky işçileriň sany artar).

Şunuň ýaly islendik işiň uly töwekgelçiligi bardyr. Täze welosipedleriň gurluşynyň alyjylary özüne çekmezligi ýa-da önümçilik çykdajylarynyň garaşylyşyndan ýokary bolup, kompaniýanyň önüminiň bazardan gysylyp çykarylmagyna sebäp bolmagy mümkin. Işiň şowsuzlyga uçramak töwekgelçiligini kompaniýalaryň ýeke özleri boýun alýarlar, şonuň üçin-de, eger olar işi dogry meýilleşdiren bolsalar we olaryň welosiped öndürmek işi şowuna düşse, onuň ykdysady hözürini-de olaryň ýeke özleri görýär.

Töwekgelçiligiň we hözüriň şahsy adamlardyr kompaniýalar tarapyndan deňagramlaşdyrylmagy islendik bazar ykdysadyýetinde döwletiň hususy emläk hukuklaryny goramak we şertnamalaryň esasy bolup durýan kanunlary durmuşa geçirmek ýaly möhüm tebigy roluny görkezýär. Emläk hukuklary kanuny taýdan anyk kesgitlenmelidir, iş eýeleridir maýadarlar ýurduň öz raýatydygyna ýa daşary ýurtludygyna garamazdan, kanun we söwda düzgünnamalary tarapyndan deň tutulmalydyr.

Diňe emläk hukuklary döwlet tarapyndan alynmak howpundan ýa-da syýasy bähbitleriň gysyşyndan azat bolanda, hususy telekeçiler we kompaniýalar täze işlere ýa-da öňki işini giňeltmäge maýa goýmak töwekgelçiligine baş goşup bilerler. Üstesine-de, olaryň döwletiň kanunçylyk ulgamynyň şertnama degişli jedelleri hemişe adalatly çözjekdigine ynamy bolmalydyr.

Gysgaça aýdanyňda, ýerli telekeçiler-de, daşary ýurtly telekeçiler-de öz işlerindäki ykdysady kesgitsizlikler bilen ýüzbe-ýüz bolmaga taýýar bolsalar-da, işleriniň kanunylygy babatynda syýasy ýa-da kanuny kesgitsizliklere duçar bolmaly däldirler.

## *Bäsdeşlik we öndürijilik*

Firmalaryň önüm öndürmek üçin alýan maddy-tehniki serişdeleriniň bahasy üýtgän ýagdaýynda kadalaşdyryş çärelerini amala aşyrmak ýokary önümçiligiň we şunuň ýaly önümleri öndürýän beýleki firmalar bilen bäsdeşligiň wajyp bölegi bolup durýar. Önümçilik çykdajylaryny azaldyp bilmeýän kompaniýalaryň öz önümlerini gymmat bahadan satmaga synanyşmagy mümkin, emma, başga firmalar edil şonuň ýaly hildäki önümleri az çykdajy bilen öndürip, arzan bahadan satýan bolsalar, bu iş başa barmaz.

Firmalaryň arasyndaky bu bäsdeşlik sarp edijiler üçin bähbitlidir, sebäbi olar gowurak önümleri arzanrak bahadan satyn alyp bilýärler. Eger-de olaryň satyn alýan harytlarynyň we peýdalanýan hyzmatlarynyň aglabasy ýokary derejeli bäsdeşlik mahsus bolan bazarlarda öndürilýän bolsa, olaryň büjeti has köp zada ýeter we şol bir girdejileriniň çäginde olara has-da köp önüm satyn almaga mümkinçilik berer.

Emma, bäsdeşlige ukyply bazarlarda firmalaryň ählisi şol bir materiallary ýa-da önümçilik usullaryny saýlap almaýarlar. Köp halatda, bu welosipediň dürli görnüşine ýa-da öndürmek üçin olaryň saýlap alan beýleki önümlerine täsir eder. Meselem, kiçi ýaşly çagalaryň sürmegi üçin örän sada welosiped ýa-da welosipedi işe gatnamak üçin gündelik ulag hökmünde ulanjak uly adamlar üçin welosiped öndürýän firmalar birmeňzeş welosipedleriň köp mukdaryny öndürmäge, şeýle hem olaryň önümçilik çykdajylaryny we bahalaryny arzan etjek standart materiallardyr gurnamagyň liniýa usulyny ulanmaga ýykgyn ederler. Beýleki tarapdan, ýaryş welosipedlerini öndürmäge ýöriteleşdirilen kompaniýalar köp işçi zähmetini, welosipediň ýörite gurluşyny üpjün edýän gurallary, şeýle hem

has gymmat materiallary, ýöne bir-birine meňzeş bölekleri öndürmek üçin azrak galyplaýjy we ýygnaýjy enjamlary ulanarlar. Şonuň üçin-de ýörite welosipedleriň bahasynyň adatça uly kärhanalarda köpçülikleýin öndürilýän welosipedleriň bahasyndan gymmat boljakdygy öz-özünden düşnüklidir.

Elbetde, her bir adam özüniň satyn alýan zatlarynyň bahalaryň arzan bolmagyna alyp barýan ýiti bäsdeşlige bap gelmegini, emma öz gazanç çeşmesi bolan işleýän pudagynda hiç hili bäsdeşligiň bolmazlygyny, bolaýanda-da, sähelçe bolmagyny, şeýlelikde, öz zähmet haklarynyň hemişe ýokary bolmagyny islärdi. Umuman aýdanyňda, her bir adam ýokary zähmet haky we (köp firmalaryň iň uly önümçilik çykdajysy bolan zähmet çykdajylary bilen birlikde) az önümçilik çykdajysy bolaýsa, diýen pikire gulluk edýän ýaly, sebäbi ol her bir adamyň has köpräk haryt satyn almak we hyzmatlardan peýdalanmak mümkinçiliginiň boljakdygyny aňladýan ýaly bolup görünýär. Emma, hiç bir ykdysady ulgam şol bir wagtyň özünde ýokary zähmet hakydyr arzan bahalar bilen üpjün edip bilmeýär, sebäbi, işçileriň zähmet haky kompaniýanyň öz harytlaryny öndürmekdäki, satmakdaky we hyzmat etmekdäki zähmetiniň çykdajylaryny aňladýar. Başgaça aýdanyňda, beýleki çykdajylar we isleg üýtgemän galsa-da, her bir adamyň zähmet hakyny ýokarlandyrmak önümçilik çykdajylaryny artdyrmak arkaly önümi gymmatladýar.

Eýsem-de bolsa, wagtyň geçmegi bilen, işçilerdir firmalar üçin bu meseläni çözmegiň sarp edijileriň harytlara harç edýän pulunyň möçberini artdyrmazdan, hiç hili töwekgelçiliksiz işçileriň has köp iş hakyny gazanmagy we işini ýitirmezligi firmalaryň bolsa peýda gazanmagy we şol bir wagtyň özünde bazary bäsdeşlere gidermezligi ýaly ýollary ýüze çykýar. Munuň çözgüdi senagatyň ýa-da kompaniýanyň öndürijiligini, ýagny her bir işçiniň we önümçilikde ulanylýan maddy-tehniki serişdeleriň öndürýän önüminiň möçberini artdyrmakdyr. Öndürijiligi ýokarlandyrmak üçin işçiler we firmalar bazara täze önümleri çykarmalydyrlar ýa-da harytdyr hyzmatlary bäsdeşleriniňkä garanyňda az çykdajy bilen has netijeli ýa-da gowy hilli edip çykarmalydyrlar. Gysgaça aýdanyňda, olaryň önümi beýlekilerden has täze, has gowy we arzanrak bolmalydyr.

Ýokary önümçilik derejesi ýokary iş hakynyň we ýaşaýyş derejesiniň kepilidir. „Ýokary öndürijilik“ diýmek her bir işçiniň köp önüm öndürmelidigini aňladýar. Bu bolsa öz gezeginde uly ykdysady ösüşe öwrülip, onuň höziri adamlaryň alýan ýokary zähmet haklarynda we gowy ýaşaýyş derejesinde öz beýanyny tapar. Çykdajylary azaldyp, has netijeli işlemek öndürijiligi ýokarlandyrmagyň ýollarydyr, emma häzirki zaman tehnologiýalara esaslanan ykdysadyýetlerde ylmy barlagdyr täzeçillik aýry-aýry ýurtlaryň, şonuň ýaly-da dünýä ykdysadyýetiniň durnukly öndürijiliginde we ösüşinde aýgytlaýjy orna eýedir. Kompýuter, telearagatnaşyk we biogenetika pudagyndaky öňe gidişlikler ylmy barlaglaryň, tejribedir synaglaryň netijesidir. Kompaniýalaryň önümdir hyzmatlaryň täze görnüşlerini işläp düzmegiň ýa-da bar bolanlaryny has netijeli öndüriş ýollarynyň gözleginde bolan ýagdaýynda bu öňe gidişlikler bazar ykdysadyýetinde dowamly bolup geçýär. Munuň netijesi täze iş ýerleri, ösüş mümkinçilikleri we hemmeler üçin uly öňe gidişlikdir. Hut şu ýol bilen-de ýurduň işçileridir kärhanalary özleriniň dünýä ykdysadyýetindäki bäsleşikli ýagdaýyny gowulandyryp we öz halkynyň maddy-ýaşaýyş derejesini ýokarlandyryp bilerler,

Halkara söwdasy hem öndürijilige we öňe gidişlige wajyp goşant goşup biler. Geliň, apelsin satyn almaga giden Robert bilen Mariýany ýatlalyň. Robert – maşyn gurluşygy senagatynyň işine ökde, tejribeli işçisi. Ol maşyn gurluşygynda doly iş güni işlemän, wagtynyň bir bölegini apelsin ýetişdirmeklige, tersine, birnäçe ýyllaryň dowamynda apelsindir beýleki miweli baglary ösdürip ýetişdiren bagban bolsa wagtynyň bir bölegini maşyn gurluşygyna sarp etmeli eken diýip çaklalyň. Olaryň hiç biri-de ikinji işini birinji işi ýaly öndürijilikli we netijeli ýerine ýetirip bilmez. Munuň netijesini bolsa öňünden aýdyp bolar: az apelsin we pes hilli maşyn gurallary. Iki adam diňe aňrybaş ökde zadyny öndürip, öz önümini biri-birine satsa, bu ol adamlaryň ikisiniň-de bähbidinedir, edil şonuň ýaly, haçanda sebitler we ýurtlar edil şol bir zady öndürmeklige ýöriteleşse we bir-biri bilen erkin söwda etse, bähbit bolar. Eger-de, ýurtlar az çykdajy bilen gowy öndürýän harytdyr hyzmatlary bilen söwda alyp barsalar, onuň bähbidi bu işe gatnaşýan ähli ýurtlardaky adamlara ýeter.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlara salynýan salgytlar ýa-da olaryň mukdarynyň çäklendirilmegi ýaly, erkin söwdany gysýan syýasata çagyrýan iň ýörgünli deliller „käbir pudaklarda gorag çärelerini alyp barmak şol ýurduň özi üçin bähbitlidir, sebäbi şol senagatlardaky işçilerdir kärhana eýeleri köp gazanarlar we şol puluň aglaba bölegini öz ýurtlarynda sarp ederler“ diýen pikiri öňe sürýär. Bu tassyklamada belli bir derejede hakykat bardyr, emma bu hekaýanyň diňe bir bölegidir. Önüm öndürijileriň we işçileriň käbirini goramak olaryň çykarýan harytlarynyň we hödürleýän hyzmatlarynyň bahasynyň-da gymmadrak boljakdygyny aňladýar. Bu bolsa sarp edijiler, ol önümleri maddy-tehniki serişdeler hökmünde ulanýan beýleki önüm öndürijiler, şeýle hem öz müşderileriniň käbiriniň goralan önümler üçin köpräk pul töländigi sebäpli, söwdasy pese düşen firmalar üçin ýaramaz habardyr.

# ÖNDÜRIJILIK: ÝOKARY ÝAŞAÝYŞ DEREJESINIŇ AÇARY

Ýurduň maddy-ýaşaýş derejesi ondaky adamlaryň öndürip we sarp edip biljek harytdyr hyzmatlary bilen kesgitlenýär. Şol sebäpli hem ýurduň zähmet öndürijiliginiň esasy ölçegleri, ýagny her bir işçiniň öndürýän harydy we hyzmaty şeýle möhüm bolup durýar: olar näçe tiz artsa, maddy-ýaşaýyş derejesi-de şonça tiz ýokarlanýar.

Aşakda getirilen tablisa soňky ýarym asyrda senagat taýdan ösen käbir ýurtlaryň ýyllyk önümçiliginiň ösüş derejesini görkezýär. Ilkibada seredeniňde, sanlaryň kiçi bolup görünmegi mümkin, emma görkezilen tapawutlar wagtyň geçmegi bilen örän möhüm bolup biler. Mysal üçin, ýyllyk 3% durnukly ösüş derejesi häzirki döwürde adam başyna düşýän harytdyr hyzmatlaryň möçberiniň ýene 24 ýyldan iki esse artmagyna alyp barar, emma ýyllyk 2% ösüş derejesi bilen şol derejäni 2 esse artdyrmak üçin 36 ýyl gerek bolar, ýyllyk 4% ösüş derejesi bolsa harytdyr hyzmatlary iki esse artdyrmak üçin gerek bolan wagty 18 ýyla çenli kemelder. Bu tapawutlar adamlaryň muňa düşünmekleri üçin ýeterlik derejede uludyr, esasan-da ösüş käbir ýurtlarda beýlekilere garanda tiz bolup geçende.

Amerikalylaryň ýaşaýyş derejesi tablisada sanalan beýleki ýurtlaryňkydan ýokary bolmagynda galsa-da, 2002-nji ýylda Birleşen Ştatlaryň 15 ýyllykda gazanan iň ýokary öndürijilik ösüşi 6,4% boldy. Sebäbi beýleki ýurtlar oňa garanyňda tizräk ösmek bilen Birleşen Ştatlardaky tutuş öndürijilik derejesiniň yzyndan ýetýärdiler. Yzyndan ýetmek ýa-da bir nokatda kesişmek adatdan daşary bir zat däldir. Çünki, hatda öndürijilik we ýaşaýyş derejesi Birleşen Korollyk we Fransiýa ýaly ýurtlarda ýokarlanmagyny dowam etdirse-de, öňki asyrlarda Birleşen Ştatlaryň özi baýrak ýurtlaryň yzyndan ýetip, olardan ozup geçipdir ahbetin. Has umumylaşdyranyňda, garybrak ýurtlar senagat taýdan has ösen ýurtlarda işlenip düzülen önümdir tehnologiýalary özlerinde ulanmak arkaly ýygy-ýygydan baýrak ýurtlaryň yzyndan ýetip bilerler, sebäbi bu ýurtlarda zähmet çykdajylarynyň azdygy ýa-da has netijeli önümçilik usulynyň bardygy sebapli olar şol önümleri we tehnologiýalary has girdejili ulanýarlar.

Käbir onýyllyklarda bolsa käbir aýratyn ýagdaýlar öndürijilige öz täsirini ýetirip biler. Meselem, 1950-nji ýyllarda aşakdaky tablisada sanalan ýurtlaryň aglabasy Ikinji Jahan urşunyň weýrançylyklaryndan soň öz ykdysadyýetlerini ýokary depginde gaýtadan dikeldýärdiler, ýöne şeýle ykdysady ösüş tutuş dünýä mahsus däldir.

Beýleki faktorlar bolsa tablisada sanalan ähli ýurtlaryň we senagat taýdan ösen ýurtlaryň hem köpüsiniň 1973-nji ýyldan soňky öndürijilik derejesiniň pese düşmegine getirdi. Onuň sebäpleriniň biri nebiti eksport edýän gurama tarapyndan (OPEC) nebitiň bahasynyň birdenkä gymmatladylmagy boldy, esasan-da 1973 we 1979-njy ýyllarda. Bu bolsa nebitden alynýan ýangyjy ulanýan kärhanalaryň we tehnologiýalaryň işini düýbünden togtatdy ýa-da öňküsinden-de has pese düşürdi. Işçiler öňkä garanyňda pes hilli enjamlar bilen öňküsi ýaly köp önüm öndürip we hyzmatlar edip bilmediler, şeýlelikde zähmet öndürijiligidir ykdysady ösüşiň derejesi peseldi.

1970-nji ýyllarda şu ýurtlaryň köpüsinde iki topar, ýagny iş tejribesi az bolan ýa-da asla bolmadyk örän köp sanly ýetginjekler hem aýallar iş gözläp başlanlarynda hem edil şeýle boldy. Ilkinji gezek işe başlaýan işçileriň aglabasy ýaly ilkibaşda bu iki toparyň öndürijilik derejesi has tejribeli işçileriňkä garanyňda pes bolansoň, ol öndürijiligiň hem-de ösüş derejeleriniň aşak düşmegine wagtlaýynça täsir etdi.

„Öndürijiligiň tiz ösmegi üçin näme edip bolar?“ diýen sorag wajyplygyny ýitirenok. Ylmy barlagçylar munuň üçin edip boljak birnäçe möhüm işleri kesgitlediler, şol işler işçileriň gowy bilim we tälim almaklary we öndürijiligi hem-de netijeliligi artdyrmak üçin enjamlara maýa goýmak ýaly çäreleri-de öz içine alýar. Emma taryh şu asyrda öndürijiligiň derejesini ýokarlandyrmagyň esasy faktorynyň tehnologik täzeçillikdigine aýdyň şaýatlyk edýär. Şeýle açyşlar şahsy adamlaryň we jemgyýetiň ylmy barlag hem ösüş üçin serişde sarp etmekleri hem-de täze döredilen zatlary laboratoriýadan çykaryp, iş ýerine ornaşdyrmak üçin goýulýan maýalar arkaly bolup geçýär. Şol sebäpli tehnologik ylmy-derňewlere goldaw bermek üçin gerekli bolan maýa goýumlardyr şahsy süýşürintgileriň öndürijiligi gazanmakda möhüm orny bardyr.

Ylmy-barlag we ösüş taslamalaryna köpräk serişde sarp etmeklik soňky 100 – 150 ýylyň dowamynda täze önümleriň we senagatlaryň, şol sanda awtomobilleriň, lazeriň, kompýuterleriň, plastikdir beýleki sintetiki materiallaryň, antibiotiklerdir gen bölüji tehnika ýaly rewolýusion açyşlaryň ediljekdigini kepillendirmeýär. Şonda-da, täze tehnologiýalaryň ösdürilmegini goldaýan we olary bada önümçilige goşýan gurluşlara ýardam berýän ykdysady ulgamlar bütindünýä öndürijiliginiň bäsdeşliginde esasy orna eýedir.

ÖNÜMÇILIGIŇ MÖÇBERINIŇ ADAM – SAGAT HASABYNDAKY ORTAÇA ÝYLLYK ÖSÜŞ DEREJESI

| Ýurduň ady | 1950-60 | 1960-73 | 1973-79 | 1979-85 | 1985-90 | 1990-95 | 1995-00 | 2000-01 | 2001-02 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ABŞ | 2.0 | 3.2 | 1.4 | 3.5 | 2.4 | 3.3 | 4.5 | 0.4r | 6.4 |
| Kanada | 3.8 | 4.5 | 2.1 | 3.6 | 0.5 | 3.8 | 1.1 | -2.0 | 1.5 |
| Ýaponiýa | 9.5 | 10.3 | 5.5 | 3.5 | 4.3 | 3.3 | 4.1 | -1.6 | 5.2 |
| Belgiýa | n.a. | 6.9 | 6.2 | 6.0 | 2.2 | 3.2 | 3.3 | 1.2 | 6.3 |
| Daniýa | 2.8 | 6.4 | 4.2 | 2.4 | 0.7 | n.a. | n.a. | n.a. | n.a. |
| Fransiýa | 2.8 | 6.5 | 5.0 | 5.1 | 3.3r | 4.0 | 4.7r | 4.1r | 2.7 |
| Germaniýa[1] | 7.4 | 5.8 | 4.3 | 2.1 | 2.1 | 3.3 | 2.4 | 1.4 | 2.3 |
| Italiýa | 5.7 | 7.3 | 3.3 | 3.5 | 1.9 | 2.4 | 0.9 | 1.7 | -1.4 |
| Günorta Koreýa | n.a. | n.a. | n.a. | n.a. | 8.2 | 9.7 | 11.0r | -0.8r | 7.2 |
| Niderlandiýa | 4.7 | 7.4 | 5.5 | 4.6r | 2.2r | 3.5r | 2.5r | -0.3r | 0.5 |
| Şwesiýa | 3.4 | 6.4 | 2.6 | 3.1 | 1.9 | 5.7 | 7.8 | 0.9r | 7.6 |
| Birleşen Korollyk | 2.1 | 4.3 | 1.1 | 4.4 | 4.6 | 3.6r | 2.5r | 2.6r | 0.4 |

r= gaýtadan seredilip uýtgedildi

1= 1991-nji ýyldan ozalky sanlar Demirgazyk Germaniýa degişli.

Çeşmesi: (1950-1979) “International Comparisons of Manufacturing Productivity and Labor Cost Trends, 1986, U.S. Department of Labor, Publication 87-237; (1979-2002) “International Comparisons of Manufacturing Productivity and Unit Labor Cost Trends, 2002“, U.S. Bureau of Labor Statistics, http://www.bls.gov/news.release/prod4.toc.htm.



# BAZAR YKDYSADYÝETINDE IŞÇILERIŇ ORNY

Islendik iş güni işe barýan işçileriň akymy senagatlaşmakda deň derejä ýeten görkezme esasynda dolandyrylýan we bazar ykdysadyýetinde birmeňzeş bolup görnüp biler. Emma, ýene-de bir gezek ýatladýarys: bu iki ulgamyň işleýşinde göze görünmeýän tapawutlylyklar bardyr, özem olar açyk meňzeşlige garanyňda has wajypdyrlar.

## *Saýlap almak mümkinçiligi*

Geliň, apelsin almak üçin söwda merkezine baryp, onuň öz güman edişlerinden gymmadrak bolany üçin alma we azajyk apelsin satyn alan maşgalany mysal alyp göreliň. Nahar edinip, çagalaryny ýatyranlaryndan soň, kärhana işçisi bolan Robert we mekdep mugallymasy Mariýa häzirki iş ýerlerinde ösüş üçin bar bolan mümkinçilikleri ara alyp maslahatlaşýarlar. Elbetde, beýle zat her gün bolup durmaýar, emma, öz durmuşlarynyň aýgytly pursatlarynda bazar ykdysadyýetindäki işçiler öz ösüş mümkinçilikleri barada wajyp kararlary kabul etmeli bolýarlar. Näme üçin? Sebäbi kimiň nirede näçe hak bilen işlejekdigini kesgitleýän merkezi meýilleşdiriş guramasy bolmansoň, şeýle kararlary kabul etmek olaryň özüne galýar.

Işçi bolansoň, Roberti wezipede ösüş mümkinçiliginiň çäkliligi ynjalyksyzlandyrýar, şonuň üçin-de, ol köpräk mümkinçilik hödürläp biljek kompýuter programmirleýiş

kursuna ýazylmagyň pikirini edýär. Mariýa üçin mekdep ulgamynda has jogapkärçilikli ýolbaşçy wezipesine çekilmek mümkinçiligi bar.

Her ýylda işçileriň müňlerçesi şunuň ýaly ykdysady karara gelmeli bolýar. Robertdir Mariýanyň bu meseleleri nähili çözjekdigi birnäçe şahsy we ykdysady faktorlara bagly bolup durýar. Orta synpdan bolan çaga-çugaly adamlar hökmünde olaryň karary ýaňyja orta mekdebi ýa kolleji tamamlan ýalňyz adamyň ýa bolmasa, pensiýa ýaşyna golaýlap barýan adamyň kararyndan tapawutly bolar.

Mariýa üçin esasy mesele onuň çagalary okatmak ýaly lezzetli işini köpräk aýlykly, emma şonuň ýaly-da has dartgynly we köp wagtyňy sarp etmegi talap edýän ýolbaşçy wezipä çalşyp biljeginden ýa-da bilmejeginden ybaratdyr.

Robert bolsa, özüniň täze hünäri köpräk gazanç etmäge we ýokary çekilmäge giň mümkinçilik berer diýen umyt bilen „kolleje ýa-da başga bir okuwa gatnamalymy, dälmi“ diýen aýgytlaýjy mesele bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Onuň üçin, munuň ykdysady nukdaýnazardan gowy maýa goýumdygy ýa-da däldigi birnäçe faktlara bagly bolup durýar: goşmaça bilim ýa-da tälim almazdan, Robert häzir näçe pul gazanýar? Onuň häzirki zähmet haky näçe köp bolýan bolsa, kolleji ýa-da başga okuw programmasyny gutarmak üçin özüniň häzirki işini taşlamak bilen ol şonça-da köp girdejisinden kesilýär.

Onuň kollej derejesindäki ýa-da başga bir kompýuter okuw kursuna gatnamak üçin gerekli okuw we beýleki çykdajylary näçeräk bolar? Şol çykdajylar näçe köp bolsa, şunuň ýaly şahsy maýa goýumlaryndan gelýän peýda şonça-da az bolar, netijede Robert ýaly, şeýle okuw programmasyna ýazylýan adamlaryň sany-da şoňa görä azalar...

Kursda okamak ýa-da tälim almak netijesinde näçe wagtlap işiň hözirini görüp bolar? Robertiň uniwersitetiň bakalawr derejesindäki okuwyna garanyňda has aňsat alty aýlyk kurs özüni gowy ödär öýtmegi mümkin.

Ýene-de bir faktor Robertiň ýaşydyr. Ýaş işçileriň öz işini taşlap gidendigi sebäpli, gazanyp bilmedik puluny yzyna gaýtaryp almaga, şeýle hem okamak bilen baglanyşykly beýleki çykdajylary ödemäge köpräk wagtynyň bardygy açyk-aýdyňdyr. Kompýuter okuwyndan soň Robert näçeräk gazanar? Gelejekki gazanjy bilen onuň häzirki aýlygynyň aratapawudy näçe uly bolsa, ol şeýle okuw programmasyna ýazylmak barada has çynlakaý oýlanar.

Robert okuwyny tamamlandan soň, onuň şu ugurdan iş tapmagy nähili bolar? Bu faktorlar her adam üçin bir hili ähmiýete eýedir. Hemmeleriň iň bolmanda, öz gelejegine dogry maýa goýumyny amala aşyrmak nukdaýnazaryndan kolleje ýa başga bir okuw programmasyna ýazylmaýandyklarynyň sebäbi-de şundadyr. Käbir adamlar üçin okuwyň çykdajylary ondan garaşylýan bähbitler bilen deňeşdireniňde örän ýokarydyr. Başga birleri üçin bolsa, aýdaly häzirki wagtda ýokary aýlykly işlerde işlemeýän zehinli ýaş talyplaryň köpüsi üçin kollej ýa başga okuw programmalary hemişe gowy „işe“ maýa goýan ýalydyr.

Robert bilen Mariýanyň mysalynda bolşy ýaly, bu kararlar diňe bir maliýe meselelerine bagly bolman, eýsem başga sebäplere-de esaslanýandyr. Edil täze kärhanalaradyr enjamlara maýa goýmak barada oýlanyşýan firmalar ýaly, bazar ykdysadyýetindäki işçiler hem goşmaça bilim we tälim almakda anyk çykdajylary çekýärler we töwekgelçilige sezewar bolýarlar. Açyk aýdanyňda, ol maýalaryň käbiri özüni ödemeýär, sebäbi kolleje girýän adamlaryň ählisine ol ýerde üstünlikli okamak ýa-da okuwyny tamamlandan soň, iş tapmak başartmaýar. Köpler üçin, az aýlykly bolsa-da, maşgalasy bilen meşgullanmaga ýa-da başga şahsy ýa-da professional gyzyklanmasyna bagyşlamaga wagtdyr mümkinçilik berýän arkaýyn işiň özüne çekiji bolmagy mümkin. Bolsa-da, bazar ykdysadyýetinde bilim we tälim almak töwekgelçiligi zähmetkeşleriň aglabasy üçin soňky birnäçe onýyllyklaryň dowamynda öz netijesini berdi, aýratynam ykdysadyýetiň tehnologiýany barha köp ulanýan çylşyrymly döwri bolan soňky ýyllarda bu iş özüni hasam ödeýär.

## *Zähmetkeşler we iş eýeleri*

Robert bilen Mariýanyň we başga-da şolar ýaly millionlarça işçileriň mysaly bazar ykdysadyýeti baradaky başga bir hakykaty açyp görkezýär. Merkezi meýilleşdiriş guramasy bolmazdan, zähmetkeşler we olary hakyna tutýanlar özara gatnaşyklaryny özbaşdak kabul edilen kararlar arkaly kesgitleýärler. Bu olaryň hemişe deň derejeli taraplar hökmünde gepleşikler alyp barýandygyny ýa-da zähmetkeşleriň öz işinden hemişe hoşaldyklaryny aňlatmaýar. Emma bu zähmetkeşleriň we iş eýeleriniň öz gatnaşyklaryny başlamagy, üýtgetmegi ýa-da kesmegi karar etmekde uly azatlyklarynyň bardygyny aňladýar. Hut şu ýagdaý-da „Bazar ykdysadyýetinde zähmetkeşi we iş eýesini birlikde saklaýan ýa-da olaryň öz gatnaşyklaryny üýtgetmegine alyp barýan zat näme?“ diýen esasy soragy örboýuna galdyrýar.

Robertdir Mariýa bilen bolan ýagdaýdan görşümiz ýaly, zähmetkşleriň bazar ykdysadyýetindäki işi ilkinji nobatda onuň şahsy gyzyklanmasyna, bilimine we ussatlygyna baglydyr. Adamlar özleriniň gelen islendik kararlaryny dowam etdirmekde erkindirler, emma diňe öz saýlap alan işlerinde işi ýerine ýetirmegiň esasy talaplaryny kanagatlandyrmagy başarýanlar iş eýeleriniň işgär sanawynda galar. Bäsleşikli bazarlarda belli bir işi ýerine ýetirmek üçin hakyna tutulan, emma öz işini oňarmaýan ýa-da ýerine ýetirmeýän işçilere dowamly hak tölemäge firmalaryň gurby çatmaýar. Emma, şol bir standart boýunça firmalaryň önümçiligine we hyzmatlaryna saldamly goşant goşýan zähmetkeşlere gadyr goýlup, her bir firma hut şonuň ýaly işçini işe almak isleýär.

Ýokary derejeli, ussat işgärleriň hyzmatyndan peýdalanmak üçin, firmalar beýleki firmalaryňka garanyňda bäsdeşlige ukyply zähmet hakyny we iş şertlerini teklip etmelidirler. Işçileriň arasyndaky gowy işi gözlemek, şeýle hem firmalaryň arasyndaky gowy işgär gözlemek bäsdeşligi işçi bazarlarynyň aglabasyndaky dowamly hereketdir.

Firmalaryň zähmetkeşlere tölejek iş hakynyň derejesi, esasan işçileriň öndürijiligi we şol başarnyklara eýe bolan işçileriň degişlilikde gytlygy ýa artykmaçlygy bilen kesgitlenýär. Umuman, sarp edijileriň köpüsiniň halaýan zadyny we diňe az sanly adamlaryň başarýan zadyny edip bilýän adamlara ýokary iş haky miýesser edýär.

Bu otnositel gytlyga başga faktorlar-da täsir edýärler. Meselem, ýaramaz ýa-da howply iş şertleri şeýle ýerlerde işleýänler üçin iş hakyndan daşgary sylagyň berilmegini-de aňladyp biler, sebäbi köp adamlar şeýle işlerde işlemek islemeýärler. Kömür känlerinde işleýän magdançylar, umuman, edarada oturyp işleýän gullukçylardan köp gazanýarlar; belent jaýlaryň demir özenini gurýan işçiler şeýle jaýlaryň binýady üçin çukur gazýan adaty işçilerden köp gazanýarlar.

Köpräk bilimdir tälim talap edýän okatmak we tälim bermek işleri hem, beýleki şertler deň bolanda-da, gowy iş hakynyň berilmegini talap edýär, sebäbi Robertiň bilşi ýaly, bu işçiler ýokary hak tölenýän işlere ýetmek üçin gerek bolan ussatlygy gazanmak maksady bilen birnäçe ýyllyk işlerini taşlaýarlar, çünki bilim almak, okuwy tamamlamak zehindir köp zähmet talap edýär. Ortaça alanyňda, bazar ykdysadyýetlerinde köplenç şu sebäbe görä, injenerler we arhitektorlar ýokary hak tölenýän adamlardyr.

Türgenligiň, bilimiň we janypkeşligiň derejesi – bularyň hemmesi girdejä täsir edip biler, emma başga bir wajyp faktor bar, ol hem bolsa jemgyýetiň aýratyn bir ussatlyga ýa-da hünäre bolan islegidir. Ökde suw ussalary ýa-da elektrikler köplenç agaç ussalaryna ýa-da awtomehaniklere garanyňda köp aýlyk alýarlar, emma ökde mebel ussasy ýa-da baş mehanigiň işine adatdan daşary ýokary isleg bolup biler. Bu hem onuň ussatlygynyň gymmatynyň beýanydyr.

Zähmet bazarlarynda bu deňlemäniň üpjünçilik tarapy-da hut şu usulda işleýär. Meselem, bazar ykdysadyýetinde uniwersitetleriň köpüsinde filosof we dilçi mugallymlar birnäçe onýyllyklaryň dowamynda inženerdir tebigy ylymlar boýunça mugallymlaryna garanda pes hak alyp geldiler, sebäbi, olaryň sany hyzmatlaryna bolan islege garanyňda has köpdür. Bölek satuw dükanynyň satyjysy hünärini köpler öwrenip biler, bu bolsa şu hili işleriň hakynyň az sanly ussat adamlaryň iş hakyna garanyňda pes bolmagynyň sebäpleriniň biridir.

## *Bahalar we zähmet haklary*

Zähmet ykdysadyýetinde işçileriň kabul edýän kararlaryna dürli bahalaryň, esasan-da zähmet haklarynyň derejeleriniň güýçli täsir edýändigini bilim we türgenleşik meseleleri ýene-de bir gezek görkezýär. Öz gezeginde, zähmetiň bu bahalaryna işçileriň öndürmeli önümlerine we hödürleýän hyzmatlaryna bolan isleg täsir edýär. Netijede, dürli hünärlerdäki işçileriň haklary wagtyň geçmegi bilen köpelip-azalyp durýar, sebäbi, köplenç şol köpçülikleýin sarp edilýän harytlara we hyzmatlara bolan isleg üýtgeýär. Meselem, 20-nji asyryň birinji ýarymynda atlaryň ýerini awtomobilleriň tutmagy bilen demir ussalarynyň we eýer ýasaýjylaryň iş haklary üzül-kesil peseldi, şol bir wagtda bolsa awtomehanikleriň iş haky ýokarlandy.

Şonuň ýaly-da, geçen birnäçe ýyllardan bäri köp bazar ykdysadyýetlerinde kollej derejesi bolan işçilere isleg üzül-kesil artdy, sebäbi häzir köp kärhanalaryň aglabasy öňkülere garanyňda has kämil tehnologiýalar bilen işleýärler.

Roberti kompýuter özüne çekýär, çünki ol bu ugry ýokary isleg bildirilýän, şoniň üçin-de öňki kärine garanyňda ýokary iş hakly bolan ösüp barýan ugur hasaplaýar.

Tutuş islegi kesgitlemekde halkara söwdasy hem wajyp faktor bolup biler. Üstünlikli bäsleşip, öz önümlerini daşary ýurt bazarlaryna çykaryp bilýän senagatlardyr kompaniýalar işçiler üçin has köp iş ýerlerini we ösmek mümkinçiliklerini açýar, şol ýurtlardan getirilýän zatlar bolsa olara sarp edijiler hökmünde, bäsleşikli bahalardan harytlaryň dürli görnüşini hödürleýär.

Islegiň güýçli ösýän pudaklaryna bil baglaýan işçiler özleriniň öňdengörüjiliginiň hözirini görerler. Öňki bilýänlerini ulanyp, isleg kemelýän bazarlarda işini elden gidermezlige synanyşýanlar bolsa köplenç lapykeç bolarlar, olaryň hatda işsiz galmaklary-da mümkin. Olar öz hasabyna bolsa-da, döwletiň ýa iş eýeleriniň hasabyna bolsa-da, goşmaça okuw geçmeli bolarlar.

Ýöne bu köpräk serişdäni, aýratynam zähmet serişdelerini sarp edijileriň has köp isleg bildirýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň önümçiligine ugrukdyrýan, indi isleg bildirilmeýän harytlary bolsa önümçilikden aýyrýan berk höweslendirme ulgamynyň bir bölegidir.

Sarp edijileriň isleýän zadyny öndürmek babatynda dowamly ýykgyn edilmegi bazar ykdysadyýetinde zähmetiň we beýleki serişdeleriň şeýle öndürijilikli bolmagynyň iň esasy sebäbidir. Sapak düşnükli: öňe gitmeli, adamlaryň isleýän zadyny, olara gerek zatlary öndürmeli.

# IŞSIZLIK WE BAZAR YKDYSADYÝETINE GEÇIŞ

Haçanam bolsa, bir wagt hemme bazar ykdysadyýetli ýurtlar işsizlik meselesi bilen iş salyşmaly bolýarlar, emma ol merkezleşdirilen, hökümet tarapyndan gözegçilik edilýän ykdysadyýetden erkin bazar ykdysadyýetine kynçylykly geçişi başdan geçirýän jemgyýetlerde has-da ýiti bolup biler. Hökümetiň bahalara gözegçiliginiň ýatyrylmagy ähli bazar ykdysadyýetleriniň hereketlendiriji güýji bolan isleg we teklibiň hiç hili bökdençsiz işlemegine ýol berse-de, ol iş ýerleriň gysga möhletleýin ýitirilmegine eltip biler.

Bahalara gözegçiligiň soňuna çykylmagy bilen hökümetiň kwotalary däl-de, eýsem sarp edijileriň islegleri harytlaryň haýsy görnüşleriniň satuwa hödürlenmelidigini aýdýar. Ykdysadyýetiň içinde öwsüp başlan bäsdeşlik şemaly telekeçileriň aman galmagy üçin netijesiz işleýän kärhanalary ýapylmaga ýa-da öz işçileriniň sanyny kemeltmäge mejbur edýär. Netijede bolsa işsizlik artýar, çünki kärhanalar öz çykdajylaryny şol bir derejede saklamak üçin göreşýärler. Hökümetiň kömek pulundan kesilen köp kärhanalar, şol sanda ummasyz köp adamy iş bilen üpjün edýän döwlet eýeçiligindäki uly kärhanalar hem şeýle täze ykdysady dünýäde ýaşamaga ukypsyz bolýarlar.

Emma işsizligiň agyrysy bilen birlikde jemgyýetiň ykdysady esasy hökmünde bahalary erkine goýbermegiň we hususy emläkdir kärhana döretmekligiň bähbitleri-de gelýär. Täze iş kärhanalaryny açmak mümkinçiliklerini gören telekeçiler işçileri hakyna tutýarlar we harytdyr hyzmatlaryň täze görnüşlerini öndürýärler. Daşary ýurtly we ýerli telekeçiler peýdaly maýa goýum mümkinçiliklerini gözleýärler. Diňe bir iş üpjünçiliginiň sany artman, eýsem täze kärhanalaryň gülläp ösmegi bilen olaryň görnüşleri-de artyp, işçiler üçin iş çeýeligi we iş saýlap almak mümkinçiligi-de artýar.

Köp halatlarda işçiler bilen telekeçileriň arasyndaky tapawudyň aradan aýrylmagy mümkin, sebäbi şahsyýetler bir kompaniýada hünär öwrenip, soňra edil şol pudakda täze, has gowy ýa-da arzanrak önümleri öndürmek üçin öz kompaniýalaryny açýarlar. Wagtyň geçmegi bilen ösüp barýan, dinamiki we çeýe bazar ykdysadyýetiniň döremegi netijesinde, işsizligiň, şeýle hem inflýasiýanyň derejesi peselýär.

Ýöne işsizlik, hatda gülläp ösýän, berkarar bazar ykdysadyýetinde-de düýbünden ýitip gitmeýär. Bazar ykdysadyýetinde işçileriň bir bölegi hemişe öz işlerini üýtgedýärler ýa-da zähmet bazarlaryna girenlerinden soň, özleriniň ilkinji işini almak üçin garaşýarlar. Bu ýagdaý „friksiýon işsizlik“ ady bilen belli bolup, ol köplenç işçileriň iň gowy hak tölenýän we has amatly şerti bolan işi gözlemek azatlygyny we bir işden başga işe erkin geçmek mümkinçiligini görkezýär. Hakykatdan-da, eger işçiler şeýle usulda hereket etmekde erkin bolman, netijede işsizligiň belli bir derejesi emele gelmese, hem bäsdeşlik, hem önümçilik kemelerdi.

Adatça, işsizleriň uzak wagtlap işsiz galmaýandyklary sebäpli, olaryň öz işlerini üýtgetmekligi ýa tälim almaklygy meýletin esasda saýlap alýandyklary sebäpli friksiýon işsizlige bazar ykdysadyýeti üçin çynlakaý mesele hökmünde garalmaýar. Aslynda, zähmet resursynyň belli bir bölegini erkin hereketde bolan işçi güýji düzýän ýurtlaryň aglabasynda islendik wagtda friksional işsizlik bolup biler. Eýsem-de bolsa, ykdysadyýetçiler şeýle ykdysadyýetleri „doly iş üpjünçilikli“ işli hasap edýärler.

Gynansak-da, işsizligiň beýleki iki görnüşi, ýagny döwürleýin we düzümleýin işsizlik o diýen ýumşak däldir. Ykdysadyýetde sarp edişiň we önümçiligiň derejesi peselip, ýurtlar resessiýa ýa depressiýa döwrüne gadam basanda, döwürleýin işsizlik döreýär. Aslynda, işsizligiň ýokary derejeleri şu hili aşak düşmeleriň çynlakaýlygynyň esasy ölçegleriniň biridir. Meselem, Uly depressiýanyň iň pes derejesinde Ýewropadaky we Birleşen Ştatlardaky işçi güýjüniň 25% işsizdi. Ýurduň pul we maliýe syýasatlary hut şeýle işsizligiň garşysyna göreşmek üçin ýörite döredilendir. („Bazar ykdysadyýetinde hökümetiň orny“ diýen bölüme serediň.)

Düzümleýin işsizlik şu günki ykdysadyýetde iş tapmak üçin gerekli bolan bilimi, tälimi ýa iş tejribesi bolmadyk işçilere täsir edýär. Meselem, köp işler ussatlygyň ýokary derejesini ýa-da täze proseduralary we usullary tehniki gollanmalardan we gysga möhletleýin kurslarda öwrenmek ukybynyň bolmagyny talap edýär. Şonuň ýaly-da, maglumat asyryndaky iş tapmak mümkinçilikleri kommunikasiýa, dil, tebigy ylymlar we dolandyryş ugrundan belli bir derejede bilimiň we zehiniň bolmagyny talap edýär.

Adatça, düzümleýin işsizlik islendik wagtyň dowamynda ykdysadyýetdäki işçileriň ujypsyz bölegine täsir edýän-de bolsa, bu meseläniň çözgüdi uzaga çekip, gymmat düşmek bilen ýurduň bilim maksatnamasynyň ykdysady ösüş we mümkinçilik üçin aýgytlaýjy ornunyň bolmagynyň ýene bir sebäbini görkezýär. Köplenç, işsizligiň sosial çykdajylary işçileriň käbiri işsiz bolan wagtynda öndürilmedik harytlaryň we edilmedik hyzmatlaryň önümçilik derejesi bilen ölçelýär. Bu çynlakaý çykdajydyr, sebäbi ýitirilen önümçilik, adatça, hemişelik ýitirilýär we onuň öwezini dolup bolmaýar. Emma, işsizligiň şahsyýete ýetirýän zyýany işçiler we olaryň maşgalalary üçin has çynlakaý we tozduryjy bolup biler: girdejiniň we süýşürintginiň ýitirilmegi gaçyp gutulgysyz diýen ýalydyr, kähalatlarda bolsa awtoulaglar we jaýlar hem ýitirilip, ol gahar-gazaba, ruhupeslige, maşgala dawalaryna we käwagtlarda, hatda, jenaýata-da alyp barýar. Şu sebäplere görä, ähli bazar ykdysadyýetli ýurtlardaky hökümetler işsiz galan işçileri dürli möhletleýin işsizlik tölegi, şeýle hem tälim beriş maksatnamalarynyň birnäçe görnüşi bilen üpjün edýärler.

Inkär edip bolmajak şu çynlakaý meselelere garamazdan, işsizlik bazar ykdysadyýetinde işçileriň aglabasy üçin hemişelik ünji döredýän mesele diýip hasap etmek ýalňyş bolardy. Meselem, 1930-njy ýyllardan bäri, Birleşen Ştatlar ýaly ýurtlardaky ähli işsizleriň aglaba köplüginiň döwürleýin ýa düzümleýin işsizlige degişli bolan ýyly ýok, olar, esasan, friksiýon işsizlerdi. Onsoňam işsizleriň aglabasy uzak wagtlap işsiz bolmaýarlar.

Meselem, Birleşen Ştatlarda soňky ýyllardaky ykdysady kynçylyklara garamazdan hasaba alnan işsizleriň diňe ujypsyz bölegi bir ýyldan köp wagt bäri işsiz diýlip ykrar edildi. Işçi güýçleriniň bäsleşikli zähmet bazarlarynyň barlygy sebäpli çykarylan işçileriň başga işe geçmek ýa-da goşmaça tälim almak mümkinçilikleri bardyr. Hakykatda, soňky geçirilen barlaglar täze iş tapan amerikan işçileriniň 69% bilimiň ýa-da hünär öwrediş kurslarynyň peýdalydygyny belläp geçdiler. Bazar ykdysadyýetlerindäki firmalaryň köpüsi hatda satuwyň we önümçiligiň haýallan wagtynda-da öz işçilerini işden boşatman saklamaklyga çalyşýarlar, sebäbi olar işçileri başga bäsdeş firmalara gidermek ýa-da isleg ýene-de artanda, täze işçilere gaýtadan tälim bermek islemeýärler.




# BAZARLAR ULGAMY

Sarp edijiler, önüm öndürijilerdir işçiler açyk we bäsleşikli bazarlarda öz bähbitlerinden ugur almak bilen, ykdysady serişdelerini, iň bolmanda köpräk adamyň islegini kanagatlandyrmak nukdaýnazaryndan milli ykdysadyýet üçin iň degerli usulda ulanýarlar. Bu hakykaty sistematik usulda ilkinji gezek kesgitlän adam şotland filosofy Adam Smit bolupdyr, ol özüniň iň meşhur „Halklaryň baýlygynyň tebigatynyň we onuň sebäpleriniň derňewi“ atly kitabyny 1776-njy ýylda neşir etdiripdir. Smit ilkinji beýik klassyk ykdysadyýetçi bolupdyr we ilkinjileriň biri bolup, bazarlar ulgamyna esaslanýan ykdysadyýetiň adamlaryň zähmetsöýer ýa-da ýaltadygyna garamazdan, ykdysady netijeliligi we şahsyýet azatlygyny durmuşa geçirip bilýändigini beýan edipdir.

## *Göze görünmeýän el*

A. Smit: „Eger-de adamlar öz häsiýeti boýunça gowy we mähriban bolsalar, bazar ykdysadyýeti olaryň gowy işlerini amala aşyrmak üçin uly ykdysady azatlygy berýär“ diýen delili öňe sürüpdir. Ol ykdysady azatlygyň aňyrsynda adamlaryň şol gowy işlerini amala aşyrmakda ulanmaklary üçin köpräk maddy harytlary we hyzmatlary döredýän netijeli önümçilik ulgamy bardyr. Emma adamlar ýekemen, gysganç ýa-da ýalta bolsalar, näme?

Bazar ykdysadyýetinde öndürilýän maddy harytlardan we hyzmatlardan köpräk peýdalanmak isleýän her bir adam yhlas bilen işlemek, öz serişdelerini oýlanyşykly harçlamak, olary süýşürmek we maýa goýmak üçin berk ykdysady höweslendirmeler bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Işi rowaç kärhanalar gowy önümleri öndürip, olary bazar nyrhyndan satmaly, işçilerine bazar derejesindaki iş hakyny tölemeli we bu olaryň tebigy bolşy bolmasa-da, özlerini müşderiler bilen gowy alyp barmaly bolýarlar.

Käbir adamlaryň özüni alyp barşyndaky şeýle üýtgeşmeleriň esasy sebäbi bäsdeşlikdir. Adam Smitiň belläp geçişi ýaly, eger bir obada birnäçe et dükany bar bolsa, müşderilere gödek daraşýan ýa pes hilli eti ýokary bahadan satmaga synanyşýan etçi tiz wagtdan öz işini we on-

dan görýän peýdasyny beýleki dükanlara elinden giderer. Eger-de ýaşaýan ýeriňe golaý et dükanynyň eýesi sypaýy we açyk göwünli bolsa, onda has hem gowy.

Ýöne, sarp ediji satyjyny tanamaýan bolsa-da, gowy hyzmatdan peýdalanmak we önüm satyn almak üçin ol şeýle hoşgylaw häsiýetlere garaşly bolmaly däldir. Gysganç, ýekemen we ýalta etçiniň ýokary ýaşaýyş derejesinden lezzet almak islegi näçe uly bolsa, ol bäsdeşlige döz gelmek we özüniň hyzmatyndan kanagatlanýan alyjylaryň uly toparyny döretmek üçin şonça-da köpräk synanyşar. Smitiň bazar ykdysadyýetiniň bu häsiýetini suratlandyryşy ýaly, adamlar beýleki adamlaryň isleýän we oňa pul harçlamaga taýýar bolan önümlerini öndürmek nukdaýnazaryndan, hatda bu olaryň „ilkibaşdaky“ niýetleriniň bir bölegi bolup durmaýan-da bolsa, serişdeleri netijeli peýdalanýan usulda işlemäge we özüni alyp barmaga „göze görünmeýän el“ tarapyndan ugrukdyrylýan ýalydyr.

Smitiň göze görünmeýän eliniň bolmalysy ýaly işlemegi üçin ýene-de bir faktor bolmalydyr: etçiniň bu işiň peýdasyna hukugy bolmagy üçin onuň et dükanyna eýelik etmegi ýa ony kärendesine almagy gerekdir. Hususy emläge we ondan gelýän peýda bolan hukuk bolmasa, bäsdeşligiň göze görünmeýän eli iň gowy we dürli-dürli önümleri laýyk bahalardan hödürlemäge kärhanalary höweslendirmez. Hususy et satyjylary bilen deňeşdireniňde döwlet tarapyndan aýlyk tölenýän etçiler öz işlerine başgaça gararlar. Bu hakykat gassaby, agaç ussasyny, restoranlar ulgamyny ýa-da köpmilletli ätiýaçlandyryş kompaniýasyny alyp görseňem, tutuş ykdysadyýet boýunça dogrudyr.

Elbetde, eger hiç hili bäsdeşlik bolman, käbir bazarlarda et ýekeje ýerde satylýan bolsa, bu alyjylar üçin gaty bir gowy bolmaz. Hatda et dükany döwlete degişli bolup, döwlet tarapyndan ýöredilýän bolsa-da, hiç zat üýtgemezdi. Bäsdeşligiň aradan aýrylmagy sarp edijileri gowy hyzmatlardyr ýokary hilli önümler bilen arzan bahadan üpjün etmek baradaky iň güýçli bazar höweslendirmelerini-de gürrüňsiz ýok edýär. Şoňa görä-de, biraz soňra garaljak birnäçe ýörite halatlardan başga ýagdaýda, ykdysadyýetçileriň aglabasy önüm öndürijileriň arasyndaky bäsdeşlige sarp edijiniň iň gowy dosty hökmünde garaýarlar.

Has umumylaşdyryp aýdanyňda, ykdysady serişdelere merkezden edilýän gözegçiligi aýyrmak arkaly, öz alyjylarynyň islegini kanagatlandyrmak üçin nämäni we nähili öndürmelidigini hususy önüm öndürijileriň özlerine kesgitlemäge mümkinçilik bermek arkaly bäsdeşlik we şahsy bähbit bazar ykdysadyýetinde bar bolan köp serişdeleriň netijeli ulanylmagyny üpjün edýär. Bu bolsa olary sarp edijileriň isleg bildirýän we satyn alýan harytlaryna baglylykda iň peýdaly usulda ulanmaklygy aňladýar.

## *Ykdysady zynjyr*

Ykdysady indiwidualizmiň şeýle ulgamy „ýekebara önüm öndürijiler we sarp edijiler özleriniň näme isleýändiklerini, satýan hem satyn alýan önümleriniň bazar bahalaryna nämeler bolup geçýändigini ýurduň paýtagtyndaky merkezi meýilleşdiriş komitetinden gowy bilýär“ diýen pikire esaslanýar.

Meselem, Nýu Ýorkda we dünýäniň beýleki uly şäherlerinde her günde millionlarça adam azyk önümleri bilen üpjün edilýär, emma ol şäherlere günde, aýda, ýylda getirilmeli çöregiň, etiň, gök önümiň we içgileriň gerek möçberini hiç hili agentlik kesgitlemeýär.

Hakykatdan-da, şu bazarda sarp edilýan önümleriň tutuş mukdaryny hiç kim bilmäge borçly hem däl. Ýöne, restoranlar we sändwiç dükanlary hususy eýeler tarapyndan dolandyrylýar, hut şolar-da iýmitleriň dürli görnüşlerini bäsleşikli bahalardan alyjylara hödürleýärler. Sarp edijiler özlerine has gowy ýaraýan dükanlary saýlap alýarlar we onuň eýelerine peýda gazanyp, şol işini dowam etdirer ýaly ýeterlik derejede ýokary bahalary töleýärler. Ýörgünli bolmadyk zatlary örän gymmat bahadan hödürleýän ýa pes hilli hyzmatlary hödürleýän satyjylar bolsa iş eýeleri we dolandyryjylar hökmünde ýaşap bilmezler.

Edil şunuň ýaly ýagdaý şu restoranlara we dükanlara çörek satmakda bäsleşýän çörek kärhanalary, olara peç satmakda bäsleşýän kompaniýalar we peç öndürýän kompaniýalara polatdyr beýleki materiallary satmakda bäsleşýän kompaniýalar bilen hem bolup geçýär. Bu zynjyryň her halkasynda şu tutuş önümçilik prosesinde özüne degişli ýerini gaty gowy bilýän, emma hadysalaryň şu ykdysady zynjyrynda onuň beýleki halkalary barada az ýa-da düýbünden hiç zat bilmeýän alyjylardyr satyjylar bardyr.

Şeýlelikde, hususy bazarlaryň merkezleşdirilmedik ulgamy saýasynda serişdeler sarp edijileriň islegini kanagatlandyrmak üçin netijeli paýlanýar. Bu ýagdaýyň asla merkezleşdirilen däldigi üçin, köp önüm öndürijileriň we sarp edijileriň onuň nähili bolup geçýändigine düşünmezlikleri ýa-da hatda hususy bazaryň şeýle netijeli we sistematik usulda hemişelik özara hereket edýändigini bilmezlikleri mümkin. Emma, ilkinji nobatda netijeliligiň esasy sebäpkäri merkezleşdirmäniň ýoklugydyr.

# APELSIN, KOFE WE ÖÝLER

Oba hojalyk önümleri bäsleşikli bazarlarda islegiň we teklibiň dinamikasynyň aýdyň mysalydyr. Meselem, birnäçe ýyl mundan öň Florida ştatynda apelsin bagynyň köp bölegini sowuk urupdyr. Apelsinleriň üpjün edilişiniň üzül-kesil peselmegi apelsin şerbetiniň bahalarynyň gymmatlamagyna alyp bardy, bu bolsa adamlary başga içgileri içmeklige itermek bilen, apelsiniň az möçberde üpjün edilmeginiň öwezini doldy. Apelsin şerbetiniň gymmatlamagy braziliýaly önüm öndürijileri hem Birleşen Ştatlaryň bazaryna çekdi, şeýlelikde ABŞ-nyň sarp edijilerine şerbetiň doňdurylan konsentratynyň elýeterliligi üpjün edildi. Bahalaryň gymmat bolmagy ABŞ-nyň mülkdarlaryny Floridanyň has gündogarynda täze apelsin nahallaryny ekmeklige-de höweslendirdi. Netijede, birnäçe ýyldan soňra ABŞ-da apelsin önümçiligi gaýtadan dikeldildi. Üpjün edişiň ýetmezçiligine garşy braziliýalylaryň gysga möhletleýin we ABŞ-nyň uzak möhletleýin gören bilelikdäki çäreleri bahalary ýene öňki derejesine getirdi.

Üpjün edişiň zarbasyna edil şeýle jogap berme 1970-nji ýyllarda kofe bazarynda hem bolup geçdi. 1975-nji ýylyň iýulynda giňden ýaýran aýaz Braziliýanyň kofe hasylynyň köp bölegini ýok etmek bilen, hasyly 1976-1977-nji ýyllarda 23 million halta bolanlygyndan 9,3 million halta çenli kemeltdi. Munuň netijesinde bazarda näme bolup geçjegi öňünden bellidi: bahalar ýokary derejede galyp, bütin dünýäniň adamlaryny köpräk çaý içip başlamaklyga iterdi. Kofäniň gymmat bolmagy Kote d’Ivoirede, Ugandada we dünýäniň beýleki tropiki ýerlerinde onuň ekilişiniň artmagyna getirdi, netijede, birnäçe ýyldan soňra kofe önümçiligi ýokary derejede artdy. Munuň netijesinde bolsa bahalar aşaklady. Bu ýagdaý oba hojalyk bazarlarynyň tutuş taryhy boýy, ýüzlerçe gezek gaýtalanandyr, şonuň üçin-de, ol kän bir ünsi-de çekip baranok diýmek-de bolar.

Isleg bilen teklibiň sazlaşygynyň başa barmadyk ýagdaýynda olaryň arasyndaky gatnaşyk has çylşyrymlaşyp, has-da gyzykly bolýar, bu adatça haýsy-da bolsa bir sebäbe görä bahalar üýtgedilip bilinmedik halatynda bolup geçýär. Hökümetler tarapyndan bahalara gözegçilik edilmegi bazarlaryň işiniň şowsuz bolmagynyň iň esasy sebäbidir. Aýdaly, ABŞ-daky käbir şäherler kireýne berilýän öýleriň erkin bazar nyrhlary gaty gymmat diýen karara gelip, şeýle kärende töleglerine gözegçilik girizýärler. Netijede iň gymmady bazar bahasyndan arzan bolan kanuny jaý kireýi („hökümet bahasy“) kesgitlenýär. Munuň netijesi öňünden belli: nyrhlara gözegçilik kireýne berilýän öýler üçin artykmaç islegi döredýär, beýle diýildigi şäheriň çäginde ýaşamak isleýän adamlaryň köpüsi kireýne öý tapyp bilmeýär diýildigidir. Maýa goýumçylaryň elleri işden sowap, täze jaýlary gurmaga ýa-da hatda öňkülerini oňat ýagdaýda saklamaga-da höwesi bolmaýar. Hususy adamlar kireýne bermek üçin jaý gurmaklaryny bes edýärler we bar bolan jaý gorlary dagap başlaýar.

„Näme üçin şeýle ulgam syýasy taýdan ýörgünlikä?“ diýen soragyň berilmegi mümkin. Çünki bu şäheriň merkezinde kireýne bermäge jaýy bolan adamlary uly söwda bilen üpjün edýär. Jaý eýelerine garanyňda kireýne alyp ýaşaýan ýaşaýjylar hemişe köpdür. Kireýne jaý almak isleýän, emma ony edip bilmeýän adamlar şäheriň kanuny ýaşaýjylary däldirler, şol sebäpli olar ses berip bilmeýärler. Syýasat bilen ykdysadyýetiň arasynda bolup geçýän ýygy dawada köplenç syýasat ýeňýär. Şeýle-de bolsa, soňky ýyllarda käbir şäherlerdäki saýlawçylar kärende tölegine gözegçiligiň soňuna çykylmagy baradaky tagallalaryny bes etdiler, emma beýleki şäherlerde bolsa kärende tölegine gözegçilik gaýtadan dikeldildi.

(Robert Don)




# BAZAR YKDYSADYÝETINDE MALIÝE

Haryt, hyzmat we zähmet bazarlarynda bahalar pul gymmady arkaly beýan edilýär. Emma bazar ykdysadyýetinde puluň özi-de satylýar, çünki käbir adamlar puluny gelejekde ulanmak üçin süýşürmek isleýärler, käbirleri bolsa, şol sanda köp kärhanalar-da şu gün ulanmak üçin pul karz almak isleýärler. Şol pullary ulanmagyň „göterim“ diýlip atlandyrylýan bahasy fondlaryň alyş-çalşygy amala aşýan bazarlarda kesgitlenýär.

Giň nukdaýnazardan, bazar ykdysadyýetiniň maliýe pudagynda banklardyr beýleki firmalar süýşürmäge we maýa goýmaga serişdeleri bolan adamlary şol serişdeleri has peýdaly ulanmak we olary ulanýandygy üçin pul tölemek isleýän adamlar bilen baglanyşdyrmakda iň wajyp rol oýnarlar. Edil harytdyr hyzmat bazarlarynda önümçilige we sarp edişe degişli kararlaryň merkeze bagly bolmaýşy ýaly şu hili bazarlar arkaly pul serişdeleriniň nähili we nirä maýa goýulmalydygy baradaky kararlar-da merkezden daşda kabul edilýär.

### *Jaý satyn alnyşy*

Geliň, Robert bilen Mariýanyň maşgalasyna olaryň işlerini üýtgetmek we ýene-de bilim almak baradaky gürrüňlerinden birnäçe ýyl soň ser salalyň. Hakykatdan-da, Mariýa mekdep ulgamyndaky ýolbaşçy wezipä geçipdir we Robert kompýuter programmirleýiş ugrundan tälim alyp, ösüp barýan täze ugurda özüne iş tapypdyr. Netijede, öňkülerinden köp girdeji alýan Robertdir Mariýanyň köp adamlaryň öz ömründe edýän iň uly söwdasy bolan jaý satyn almak üçin pul süýşürmäge mümkinçilikleri bolupdyr.

Şu ýerde bank ýaly maliýe edaralarynyň roly aýgytlaýjydyr. Banklar biri-biri bilen baglanyşykly iki sany wezipäni ýerine ýetirýärler. Bir tarapdan, olar Robertdir Mariýa ýaly, pullaryny howpsuz ýerde saklamak we ondan göterim gazanmak isleýän adamlaryň goýumyny alýarlar. Beýleki tarapdan, olar alan karzyny wagtynda üzmäge ukybynyň bardygyny görkezip biljek adamlara

karz berýärler. Karz alyjylar we karz berijiler diňe bir şahsy adamlar bolman, eýsem öz puluny süýşürmek ýa pul karz alyp, ony täze işe maýa goýmak, ýa-da öňki işini giňeltmek isleýän hususy kompaniýalar hem bolup bilerler.

Bazar ykdysadyýetinde, Mariýadyr Robert ýaly şahsy adamlar dürli wagtda pul süýşüriji we karz alyjy bolup bilerler. Olaryň puluny özüne çekmek üçin, banklar Mariýa we Robert ýaly pul süýşürijilere beýleki banklardyr süýşürintgiler edaralary bilen bäsdeşlikde göterimiň belli bir derejesini teklip edýär. Häzir bolsa Robert bilen Mariýa gelejekki karz alyjylar hökmünde olara jaý satyn almaga mümkinçilik döretjek karz pul sorap, banka ýüz tutýarlar. Eger-de bank olaryň öz karzyny aýba-aý tölemek arkaly birnäçe ýylyň dowamynda yzyna gaýtarmak üçin girdejisiniň bardygyna göz ýetirse, pul karz berer. Ýöne bu gezek, öň goýumçy hökmünde olara tölän göterim derejesine garanyňda, karz alyjylar hökmünde olardan has ýokary göterim alar, olaryň aratapawudy bolsa bankyň amala aşyrýan maliýe hyzmatlarynyň girdejisidir.

## *Karz alma we maýa goýma*

Täze kärhanalar, ammarlar we abzallar üçin maýa gözleýän kärhanalar hem edil şu ýagdaýy başdan geçirýärler. Bazar ykdysadyýetinde beýleki senagatlar bilen bolşy ýaly, banklaryň arasyndaky bäsdeşlik gowy we netijeli dolandyrylýan banklary kanagatlanarly girdeji bilen üpjün etmek arkaly göterimiň derejesiniň mümkin boldugyça pes bolmagyny kepillendirmäge ýardam edýär. Üstesine-de, karz üçin bar bolan puluň mukdarynyň çäklidigi sebäpli, karz alyjylar, ýagny şahsy adamlardyr kompaniýalar bankyň razylygyny almak ugrunda özara basleşmeli bolýarlar. Bu bäsdeşlik karz almak we bermek baradaky kararlary döwletiň özüniň kabul edendäkisine garanyňda bankyň karzlarynyň ýokary girdejili maýa goýumlar üçin berilmegini kepillendirmäge has netijeli ýardam edýär.

Kärhanalar öz önümçiligini we satuwlaryny ýokarlandyrmaga gerek bolan täze enjamlar ýa tehnika maýa goýmak üçin karz almaga synanyşýarlar. Bu firmalar şeýle täze maýa goýumlardan birnäçe ýyllaryň dowamynda peýda gazanmaklyga bil baglaýarlar, şeýlelikde, olar şol aktiwleri satyn almak üçin ulanyp biljek maliýe serişdelerine göterim töläp, öz önümçiligini soňa goýman, hut häziriň özünde başlamaga taýýardyrlar.

Elbetde, eger-de olaryň tölemeli göterimi garaşýan girdejisinden ýokary bolsa, onda kärhanalar karz almazlar. Hakykatdan-da, eger kompaniýa karz alnan maliýe serişdeleriniň häzirki göteriminiň derejesinden köpräk girdeji getirjek maýa goýumyny göz öňünde tutmasa, ol köpräk pul serişdelerini karz almaga synanyşman, eýsem puluny süýşürer. Ýa-da, kompaniýa özüniň serişdelerini garaşylýan girdejiniň derejesi karz alnan serişdelere tölenjek derejeden has ýokary bolan başga bir işe geçirmäge synanyşar. Bu bolsa maliýe serişdeleriniň olary iň peýdaly usulda ulanmaklygy kesgitlän firmalara gönükdirilişiniň başgaça bir usulydyr. Biziň ýokarda görşümiz ýaly, ol usul sarp edijileriň iň köp isleg bildirýän önümlerini bäsdeş firmalar tarapyndan teklip edilýän şeýle önümleriň bahasyndan ýokary bolmadyk, hatda pes bahadan üpjün etmeklige esaslanýar.

Bu ýerde-de halkara söwdasy möhüm orna eýe bolup biler. Ýurtlar önümleri alyş-çalyş edip bilişleri ýaly, maliýe hyzmatlaryny we maýa goýum serişdelerini-de alyş-çalyş edip bilerler. Daşary ýurt maýa goýumy karz alyp, maýa goýmakçy bolýan kärhanalar üçin elýeter bolan puluň möçberini ýa-da sermaýany artdyryp biler. Ýurduň içindäki banklardyr maliýe edaralary bilen bäsleşmek arkaly daşary ýurt maýa goýumy, şeýle hem göterimiň derejesini, ýagny puluň bahasyny peseltmäge kömek edip biler.

Eger „daşary ýurt maýa goýumy has giňişleýin ýaýrapdyr“ diýen düşünje bar bolsa, „ykdysadyýetiň aýry-aýry bölekleri indiden beýläk halkyň öz gözegçiliginde bolmaz“ diýen gorky döräp biler. Şeýle gorkular hemişe diýen ýaly esassyzdyr, sebäbi bazar ykdysadyýetiniň dinamikasy halkara we milli maýa goýumlaryna hem-de biznes işjeňligine deň derejede dahyllydyr. Göni daşary ýurt maýa goýumy maýa goýumynyň beýleki islendik görnüşi ýaly ykdysady ösüşe bolan ynam sesidir. Maliýe serişdeleriniň täze çeşmesini ýurda getirmek arkaly, adatça, daşary ýurt maýa goýumy netijeliligi artdyrýar, dolandyryş tejribesini ösdürýär we göterimiň derejesini pes saklamaga kömek edýär.

## *Serişde bazarlary we maýa goýumlary*

Biziň Robert bilen Mariýanyň mysalynda görşümiz ýaly, üstünlikli işleýän banklar goýumçylar bilen karz alyjylaryň arasynda dellalçylyk edip, pul gazanýarlar we süýşürintgi maliýe serişdeleriniň gaýtadan maýa goýumynda ulanylyp bilinmegi üçin, olary tapyşdyrmak arkaly ykdysady ulgamda wajyp rol oýnaýarlar.

Uly bazar ykdysadyýetiniň maliýe pudagynda biznesleriň başga, hatda has ýöriteleşen görnüşleri-de bardyr. Birnäçe ýyldan soň Robertdir Mariýa özleriniň bilelikdäki başarnyklaryndan we bilim hem kompýuter programmirleýiş ugrundaky tejribelerinden peýdalanmak bilen kiçi biznese başlamak kararyna gelýärler diýip çaklalyň. Olar bilelikde mekdepler üçin okuw kompýuter programmasynyň toplumyny işläp düzýärler we olara „R we M Bilim Programmasy“ diýlip atlandyrylan täze biznese başlamak üçin pul gerek bolýar. Jaý alanlarynda edişleri ýaly, olar ýene-de banka baryp, karz pul almaga synanyşyp bilerler ýa-da öz başlan bizneslerindäki eýeçilik paýlaryny korporatiw aksiýalar ady bilen „R we M programmasynyň“ girdejili boljakdygyna ynanýan ýüzlerçe, hatda müňlerçe adamlara satyp-da bilerler. Mariýa bilen Robert ýaly kiçi telekeçiler, şeýle hem dünýäniň uly korporasiýalary şunuň ýaly aksiýalary bütin dünýä boýunça fond biržalarynda işleýän brokerleriň üsti bilen satyşa hödürleýärler.

Şu aksiýalary satyn alýan adamlar şu kärhananyň gelejekde gazanjak peýdasyndan düşjek paýa umyt baglap, öz pullarynyň bir bölegini oňa maýa goýmaga isleg bildirýärler. Bu adamlar kanun boýunça firmalaryň hakyky eýelerine öwrülýärler we özleriniň satyn alýan her bir aksiýasy üçin ses beriş hukugyna eýe bolýarlar. Bu bolsa olara kompaniýanyň öz edýän her bir işinde we kompaniýanyň direktorlarynyň hem ýerine ýetirijileriniň kim bolmalydygyny kesgitlemek ygtyýaryny berýär.

Olar, şeýle hem kompaniýanyň töwekgelçiliklerine-de şärikdirler. Eger-de „R we M Bilim programmasy“ rowaçlanmasa ýa düýbünden başa barmasa, onda maýadarlar maýa goýan pulunyň bir bölegini ýa-da hemmesini ýitirerler. Ýöne, kompaniýanyň işi üstünlikli bolsa, köpräk girdeji almak maksady bilen öz paýlaryny uzak möhletleýin saklamagy saýlap alsalar-da ýa olary başlangyç gymmatyndan birnäçe esse ýokary satsalar-da, ol maýadarlaryň öz maýa goýumyndan peýda gazanmak mümkinçiligi bolar.

Eger paýdarlar kompaniýanyň işiniň şowuna boljakdygyna umyt baglasalar, olar firmanyň garaşýan peýdasyndan öz paýlaryny talap etmek üçin aksiýalaryny saklarlar, hatda köpräk aksiýa satyn almaklary-da mümkin. Emma kompaniýanyň gelejekki satyş we peýda gazanmak niýetinden göwni suw içmeýän paýdarlar özleriniň eýelik edýän aksiýalaryny tutuş ykdysadyýetde esasy korporasiýalar üçin aksiýa satyjylary we alyjylary tapmaga ýöriteleşen kompaniýalaryň üsti bilen serişde biržasynda satarlar. Bu hili kompaniýalar broker edaralary hökmünde bellidir. Şeýle firmalaryň birtopary Nýu-Ýork, Tokiýo we London ýaly bütin dünýä boýunça belli bolan ýerlerde gymmat bahaly kagyzlaryň esasy bazarlaryny döretmek üçin birigipdirler.

Bank senagaty ýaly, gymmat bahaly kagyzlaryň bu bazarlary-da özleriniň milli ykdysadyýetinde we halkara söwdasynda möhüm orna eýe boldular. Olar aksiýa eýelerine we beýleki adamlara maýa goýumy baradaky kararlary kabul etmäge, korporasiýalaryň näderejede netijeli dolandyrylyşyna baha bermäge we biznesiň umumy ýagdaýyny anyklamaga kömek edýärler. Bu bolsa şeýle biržalarda günde söwdasy edilýän müňlerçe korporatiw aksiýalaryň bahalary arkaly amala aşyrylýar, ol korporatiw aksiýalaryň bahasy hususy firmalar, olaryň bäsdeşleri we tutuş ykdysadyýet üçin biznesiň üýtgäp durýan şertleri netijesinde gymmatlaýar we arzanlaýar.

Maýa goýmak işi ýekebara goýumçylara we maýadarlara nähili töwekgelçiliklere baş goşup, nähili täze işe başlamalydygyny kesgitlemekde köp azatlyklarydyr mümkinçilikleri berýär. Eger olar puly akylly-başly jemläp, maýa goýsalar, gowy peýda gazanarlar, emma olaryň maýa goýumlary oýlanyşykly bolmasa, köp zady ýitirip-de bilerler. Şol sebäpli-de, maýadarlaryň aglabasy tutuş maýalaryny bir taslama ýa-da kompaniýa goýman, öz aktiwleriniň bir bölegini örän ygtybarly we „synagdan geçen“ kompaniýalara ýa-da hasaplara goýýarlar. Diňe az sanly köpe kowalaşýanlar we özleriniň ähli aktiwlerini uly töwekgelçilikli kärhanalara goýýanlar maliýe bazarlarynda şowlulygy elden giderip bilerler ýa-da tersine, giden bir baýlyga eýe bolup-da bilerler.

Ýagdaýa anyk göz ýetirmek üçin geçen asyrdaky täze önümlerdir tehnologiýalary işläp düzmeklige amala aşyrylan hususy maýa goýumlaryny döwlet maýa goýumlary bilen, esasan-da merkezden meýilleşdirilýän ykdysadyýetlerdäki maýa goýumlar bilen deňeşdireliň. Hususy sektordaky maýa goýumlarynyň netijesi olardaky şowsuzlyk döwürlerine garamazdan açyk-aýdyň ýokarydyr. Näme üçin? Onuň sebäbi ýene-de bazar ykdysadyýetiniň öz tebigatyny görkezýär. Bu ýerde merkezi hökümetdäki ýaly kiçijik bir topar däl-de eýsem merkezleşdirilmedik prosesde üýtgäp durýan ykdysady şertler netijesinde, birgiden adam maýa goýup karz almak baradaky kararlary kabul edýär. Onsoňam, kararlaryň öz hususy puly bilen töwekgelçilik edýän adamlar tarapyndan kabul edilmegi oýlanyşykly, akylly-başly karara gelinmeginiň sebäbidir.



# BAZAR YKDYSADYÝETINDE HÖKÜMET

Eger bazarlar we bazar ulgamy şeýle netijeli bolýan bolsa, onda hökümetiň onuň işleýşine goşulyşmagyna ýol bermek nämä gerek? Näme üçin „laissez-faire“ (telekeçiligiň we söwdanyň çäklendirilmedik azatlygynyň düzgüni) diýlip atlandyrylýan berk syýasaty kabul etmek bilen hususy bazarlaryň asla hökümet goşulyşmazdan işlemegine ygtyýar bermeli däl? Bu babatda ykdysadyýetçiler we beýleki sosial synçylar bunuň birňäçe sebäbini kesgitlediler. Olary belli bolan käbir mysallar arkaly suratlandyryp bolar. Ýöne köp halatda hökümetiň roly bazaryň ornuny tutmak däl-de, eýsem, bazar ykdysadyýetiniň işleýşini gowulandyrmakdyr. Bazar güýçleriniň oýnuny kadalaşdyrmak ýa oňa goşulyşmak baradaky islendik karara şeýle kadalaşdyrmanyň çykdajylary we şeýle goşulyşmanyň getirjek bähbidi terezä goýlup, ýagşy ölçerip-biçilenden soň, gelinmelidir.

## *Ýurt goragy we halk eşreti*

Ýurt goragy hökümetiň rolunyň hökmany bolan mysallarynyň biridir. Näme üçin? Sebäbi ýurt goragy apelsinden, kompýuterden ýa-da jaýdan düýpgöter tapawutly harydyň bir görnüşidir. Bu ýerde adamlar özleriniň peýdalanýan her bir zady üçin pul tölemeýärler, ýöne ony tutuş halk üçin köpçülik bolup, satyn alýarlar. Bir adamyň goragyny üpjün etmek beýlekileriň ondan az goralýandygyny aňlatmaýar, çünki netijede hemme adamlar şol gorag hyzmatlaryndan bilelikde peýdalanýarlar. Şeýlelikde, milli goranyş hyzmatlary bilen ýurtdaky olary islemeýän adamlar-da üpjün edilýär, çünki ony etmezligiň başga bir netijeli usuly ýok. Ýurtlar raketa atyjylaryny öndürip bilerler, emma goňşy bolup ýaşaýan adamlaryň ýa-da aýry-aýry adamlaryň oňa gurby çatmaýar.

Munuň ýaly bähbide halkyň bähbidi diýilýär, sebäbi hiç hili hususy kärhana milli goragy ýurduň raýatlaryna

satyp, biznesde galyp bilmeýär. Goranyş hyzmatlaryny olary isleýänlere satyp, olar üçin töleg tölemekden boýun gaçyrýanlary bolsa goraman bolmaýar. Eger-de olar hiç hili töleg tölemezden gorag alyp bilýän bolsalar, onda olar näme üçin tölesinler? Bu „gaçak ýolagçy“ meselesi hökmünde bellidir we näme üçin milli goranyşyň hökümet tarapyndan dolandyrylmalydygynyň, şeýle hem oňa salgyt arkaly töleg tölenmelidigininiň esasy sebäbidir.

Hakyky halkyň bähbidi, ýagny bilelikde sarp edilip bilinjek we „gaçak ýolagçy“ meselelerine degişli harytlar gaty köp däldir, şol sebäpli-de bazar ykdysadyýetlerinde harytlaryňdyr hyzmatlaryň aglabasy hususy firmalar tarapyndan öndürilip, hususy bazarlarda olaryň özleri tarapyndan satylyp bilinýär. Halkyň eşretiniň beýleki mysallaryna sil gelmegine, zyýanly mör-möjeklere garşy göreş maksatnamalary we hatda, howa tolkunlary arkaly radioda we telewideniýede goýberilýän gepleşikler degişlidir. Şol önümleriň her biri bir wagtyň özünde birnäçe sarp edijiler tarapyndan bilelikde sarp edilip bilinýär we iň bolmanda belli bir derejede „gaçak ýolagçy“ meselelerine degişli bolup durýar. Telewidenýe we radio gepleşikleri barada aýdylanda bolsa, olar bildiriş üçin efir wagtyny satmak arkaly öndürilip bilner. Käbir halatda bolsa goýberilýän gepleşikler ýörite elektronik usulda kodlanyp, hususy firmalar şeýle gepleşiklere seretmek isleýän adamlara kody aýryjy enjamy kärendesine bermek arkaly pul gazanyp bilýärler.

## *Daşky gurşawyň hapalanmagy*

Geliň, derýa boýunda ýerleşen hat ýazylýan kagyzdan başlap, karton gutularyna çenli önüm öndürýän kagyz kärhanasyny alyp göreliň. Bu ýerde mesele şundadyr: kärhana esasy önüminiň ýany bilen çykýan zyýanly himiki serişdeleri derýa dökýär. Emma derýanyň suwy belli bir adama ýa-da haýsydyr bir topara degişli bolmansoň, derýany hapalamagyny togtatmaga kärhanany mejbur etjek ýok. Üstesine-de, derýany arassalamagyň pula durýandygy sebäpli, kompaniýa öz önümini hapalanma gözegçilik etmek bilen bagly çykdajylary töländäkisinden arzanrak satyp biler. Netijede, kagyz kärhanasy pes bahaly önümler bilen ýokary islegi kanagatlandyrmak arkaly öz önümçiligini mundan beýläk-de artdyryp biler. Bu bolsa onuň kärhanasynyň önümçilik galyndylarynyň artmagyna we daşky gurşawyň öňküden-de beter hapalanmagyna alyp barar. Daşky gurşawy hapalamagyna garamazdan, kärhana önüminiň özüne düşýän gymmaty hapalanma gözegçilik ediji enjamyň oturdylmagy bilen baglanyşykly çykdajysyny-da özünde jemleýän beýleki bäsdeş kompaniýalara garanda adalatsyz artykmaçlyga eýe bolup biler.

Bu „daşky çykdajylar“ diýilýäniniň adaty bazar bahalarda öz beýanyny tapmazlygynyň klassyk mysalydyr. Kagyz önümçiliginiň hakyky çykdajysyny ony öndürýän kärhana-da, onuň alyjylary-da çekmeýärler; oňa derek çykdajynyň bir bölegi, ýagny, hapalanma bilen baglanyşykly bölegi derýanyň kenarynda ýaşaýan ýa-da işleýän adamlaryň we arassaçylyk üçin töleg töleýän salgyt töleýjileriň boýnuna düşýär.

Beýleki daşky harajatlar ýaly hapalanma-da ýygy-ýygydan tebigy baýlygyň, biziň mysalymyzda derýanyň, şahsy adamlara ýa-da hususy guramalara degişli däldigi sebäpli bolup geçýär. Meselem, jemgyýetçilik ýerleri we ýollaryň gyralary adamlaryň ýaşaýan jaýlarynyň öňündäki meýdançalara garanyňda köpräk hapalanýar, sebäbi ol jemgyýetçilik ýerleri hiç bir adama degişli bolmansoň, olary arassa saklamak hem-de olary hapalaýanlary yzarlamak hiç kimiň wezipesine girmeýär. Hakykatdan-da, hapalaryň köpüsi, howa giňişligine, ummanlara we derýalara dökülýär, sebäbi ol gorlaryň öz ýetirýän zyýany üçin jogapkär hapalaýjylary çynlakaý yzarlajak eýeleri ýokdur. Käbir adamlar şeýle hapalaýjylary yzarlamak üçin wagtynydyr zähmetini gaýgyrmasa-da, bu işde ykdysady bähbidiň azlygy sebäpli adamlaryň aglabasy muňa biperwaý garaýar.

Şu ýagdaýda döwletiň roly şu deňagramsyzlygy aradan aýyrmaga synanyşmakdyr. Goşulyşmak arkaly, hökümet arassaçylyk bilen baglanyşykly çykdajylary önüm öndürijilere we ony sarp edijilere töledip biler. Aslynda, hökümetiň bu ykdysady roly önümi satmagyň we sarp etmegiň ähli rähnetini görýänleri ony öndürmekligiň we sarp etmekligiň ähli çykdajylaryny tölemeklige mejbur etmekdir.

Gynansak-da, şular ýaly ýagdaýda edip biljek zatlarynyň çägini kesgitlemek köplenç hökümete aňsat düşmeýär. Bir tarapdan, adatça hapalanmanyň anyk çeşmesini ýa-da hapalanmanyň jemgyýete hakykatdan-da näçeräk zyýan ýetirýändigini kesgitlemek kyn hem çykdajyly bolýar. Şol kynçylyklar sebäpli, ilkinji nobatda hökümetiň hapalanmany kemeltmek üçin onuň jemgyýete ýetirýän zyýanyndan köp çykdajy çykarmaga adamlary mejbur etmeýändigine ynamy bolmaly, ýogsa bu oňyn netije bermän, gaýta gymmatly baýlyklary bisarpa tutmaklyk bolar.

Hökümet hapalanmanyň kabul ederlik ýa iň bolmanda, çekip-çydarlyk derejesini kesgitländen soň, hapalanmany azaltmak üçin kanunlary, düzgünleri, jerime salmagy, tussaglyga hüküm etmegi, hatda ýörite salgytlary-da ulanyp biler ýa bolmasa, has düýpli çärelere ýüz urup, ol hapalanýan baýlyklara anyk eýeçilik hukuklaryny kesgitlemäge synanyşyp biler. Bu bolsa şol baýlyklardan peýdalanmaga bazar bahalaryň kesilmegine getirer we hapalaýjylary şol çykdajylary tölemeklige mejbur eder. Şu köpsanly mümkinçiliklere garamak bilen, esasy mesele hökümetiň daşky harajatlara eltýän harytlaryň we hyzmatlaryň çendenaşa köp öndürilmegini we sarp edilmegini çäklendirmek babatyndaky esasy roluna düşünmekdir.

# BAZAR YKDYSADYÝETINDE DAŞKY GURŞAWYŇ HAPALANMAGYNA GÖZEGÇILIGIŇ AMALA AŞYRYLYŞY

Daşky gurşawyň hapalanmagyna gözegçilik etmek meselesi bazar ykdysadyýetinde hökümetleriň tutuş jemgyýetiň öňünde duran bu wajyp meseläni çözmekde bazar mehanizmleri bolan üpjün edişdir islegi ulanyş usulynyň aýdyň mysalydyr.

Howanyň, suwuň ýa-da ýeriň hapalanmagy bilen ýüzbe-ýüz bolan ýagdaýynda hökümet daşky gurşawy arassalamak zerurlygyny ony amala aşyrmagyň ykdysady çykdajylary bilen deňagramlaşdyrýan ýollary saýlap almalydyr.

Birinji ýagdaý, aýdaly, bir hapa çeşmesi çendenaşa zäherleýji bolansoň, täze önümçilik tehnikalaryny kabul etmek ýa-da goraýjy enjamlar ulanmak arkaly onuň bu häsiýetini aýryp bolmaýar. Şeýle ýagdaýda hökümet onuň düýbünden ýok edilmegini ýa-da daşky gurşawa dökülmegini üzül-kesil kemeldip, şeýlelikde onuň adam saglygyna ýa-da daşky gurşawa mundan beýläk howp salmazlygyny talap edýän düzgünnamalary çykarsa, maksada laýyk bolardy.

Ýöne şeýle çäreler hapalaýjylaryň daşky gurşawa dökülmegi jemgyýet üçin hakyky howp döreden ýagdaýynda özüni ödeýär, çünki jemgyýetiň oňa çykarjak çykdajysy örän ýokarydyr. Eger-de gürrüň gaty howply bolmadyk jisimler barada gidýän bolsa, onda hapalanmanyň derejesi kemeldilip bilner, onuň doly ýok edilmegi bolsa önümçiligiň, sarp edişiň we iş orunlarynyň ýitirilmegi ýaly, aşa köp çykdajylara getirmegi mümkin. Şeýle ýagdaýlarda ähli önümçilik ýerlerinde zyýanly jisimiň daşky gurşawa goýberilmegini talap etmän, hapalanma üçin salgyt salmak has netijeli saýylýar, çünki arassaçylyk çäreleriniň çykdajylary dürli önümçilik ýerlerinde ýa-da kompaniýalarda dürli-dürli bolar. Daşky gurşawy hapalaýanlara salgyt salmak bilen hökümet hapa taşlandylaryny azaldyp biljek firmalary şeýle etmeklige iterýär, netijede, olar daşky gurşawyň hapalanmagy üçin salgyt tölemeýärler. Käbir başga firmalar (adatça, könelişen enjamlary ulanýan kärhanalar) üçin hapa taşlandysyny azaltmagyň gymmat düşmegi mümkin; şonuň üçin-de olar daşky gurşawy hapalamaklaryny dowam etdirmek bilen salgyt tölänlerini gowy görerler.

Hökümetler sarp edijileri önümçiligi daşky gurşawa köp hapa dökmeýän önümlere isleg bildirmäge höweslendirmek arkaly-da bu ýagdaýa üýtgeşme girişip bilerler. „Gibrid“ gaz-elektrik dwigatelli awtoulaglary we gün energiýasyny ulanýan ýyladyş ulgamlaryny satyn alýanlar üçin salgyt kreditleriniň berilmegi Amerikadaky şeýle zatlaryň diňe ikisiniň mysalydyr.

Kärhanalaryň we senagatyň hapa taşlandylarynyň çykarylmagyny meýletin azaltmagyna ýardam berýän başga-da birnäçe düzgünler häzir Amerikada işlenip düzülýär. Belki-de, hapalanmany kemeltmek meselesine bolan iň täzeçil çemeleşme bu işe hökümeti düýbünden goşman, oňa derek bazaryň özüne bil baglaýandyr. Çap we söwda maksatnamalary diýlip atlandyrylýanlar ABŞ-da örän üstünlikli bolup, ol kükürdün ikili okisli birleşmesi ($SO_2$, kislotaly ýagşyň bir düzüm bölegi) ýaly hapalaýjylaryň güýçli kemelmegine getirdi. Şu ulgam boýunça hökümet kesgitli bir ýerde hapalanmanyň rugsat ederlik derejesini kesgitlemeli, soň daşky gurşawa diňe rugsat edilen möçberde hapa taşlamaga ygtyýar berýän rugsatnamalary üçin pul almaly. Şeýle bolanda, hiç hili salgyt düzgüni gerek bolmaýar. Ol rugsatlaryň bahalary erkin bolup, dürli daşky gurşaw we ykdysady ýagdaýlara görä gymmatlap-arzanlap biler.

Kislota ýagşy maksatnamasynyň görkezmeleri esasynda işleýän daşky gurşawy goramak agentligi $SO_2$-niň çykarylmagyny maksada laýyk kemeltmek boýunça esas kesgitledi. Hapalaryň goýberilmegini şol çäge çenli we ondan-da köpräk kemeltmegi başarýan kompaniýalar üçin „kredit“ bardyr. Soňra bu kompaniýalar öz kreditlerini şol hapalanmanyň goýberilişini kemeldip bilmeýän kompaniýalara satyp bilýärler. Netijede, Amerikada $SO_2$-niň howa taşlanmagy 1980-nji ýyldan bäri 6,5 mln tonnadan-da köp mukdarda kemeldi, eýsem-de bolsa, $SO_2$–niň 2 milliard dollarlyk kredit edarasy ösmegini dowam etdirýär. Geň zat, şu maksatnamany amala aşyrmagyň senagata düşýän gymmaty hökümetiň ilkibaşdaky hasaplamalaryndan has pes bolup çykdy.

Emma „çap“ we söwda ulgamy henizem hökümetiň goşulyşmagyna bil baglaýar. Häzir bazara esaslanýan çözgütleriň täze nesli ýüze çykdy – kömürturşy gazy ($CO_2$) ýaly 6 sany „şitilhana gazlary“ bilen iş salyşýan meýletin „çap“ we söwda ulgamy. Düýbi Çikagoda bolan bu bazar Amerikanyň „Ford Motor“ we „Motorola“ ýaly senagat taýdan ösen 14 kompaniýasy tarapyndan döredildi. Bu kompaniýalar zyýanly gazlaryň çykarylmagyny meýletin azaltmak barada ylalaşyga gelip, kredit söwdasyna başladylar.

Çikagonyň Klimat guramasyndan bolan Riçard Sändor bu barada şeýle diýdi: „Bazarlar sosial we daşky gurşaw meselelerini çözmäge barha we barha köp üns berýärler... energiýanyň netijeliliginiň gowy işdigine biziň hemmämiz ynanýarys“.

## *Bilim we daşky ykdysady bähbit*

Kompýuter programmirleýjisi bolmak üçin okuwa girende, Robert tutuş jemgyýeti gowulandyrmagyň däl-de, eýsem, özüniň we maşgalasynyň ýagdaýyny gowulandyrmagyň ýoluny gözleýärdi. Emma ol soňky alan biliminiň netijesinde jemgyýetiň has ýokary derejede tälim berlen, öndürijilikli agzasyna öwrüldi. Indi ol täze hünär edinip, başgalary iş hem-de mümkinçilikler bilen üpjün edýän täze kärhanany işe girizdi.

Şu ýerde Robertiň biliminden haýsy-da bolsa bir harydy ýa-da hyzmaty öndürijilerden we sarp edijilerden başga adamlar-da bähbit görýärler. „Bilim ýurtda daşky bähbit hödürleýär“ diýen pikir ýörgünlidir, sebäbi bilimli işçiler has çeýe we öndürijilikli bolup, olaryň işsiz galmak ähtimaly azdyr. Beýle diýmek, şu gün bilime has köp puluň sarp edilmegi öňde-soňda jenaýatçylyga, garyplyga we beýleki sosial meselelere garşy göreş hem-de işçi güýjüniň kämillik derejesini, çeýeliginidir öndürijiligini artdyrmak üçin jemgyýetçilik we şahsy çykdajylaryň tygşytlanmagyna alyp barar diýmekdir.

Her bir önümiň möhüm daşky ýa-da artykmaç ykdysady bähbitleri dörediş derejesine baglylykda daşky bähbitleriň gymmatynyň önümleriň bazar bahalaryna we önümçilik möçberine goşulmagy üçin, hökümetleriň haýsy-da bolsa bir önüme subsidiýa bermek ýa bolmasa onuň sarp edilmegine, öndürilmegine ýa bularyň ikisine-de höwes döretmekligi, ýa-da oňa kömek etmeklik barada pikirlenlenmekleri mümkin. Daşky ýa-da artykmaç çykdajylaryň belli bir harytlaryň çendenaşa köp öndürilmegine eltýändigi sebäpli, daşky bähbitleriň bolmagy-da beýleki önümleriňdir hyzmatlaryň gereginden az öndürilmegine alyp barar.

Döwletiň bilim ulgamy möhüm daşky bähbidi bar diýlip hasaplanýan hyzmat üçin hökümetiň çykarýan çykdajysynyň we goldaw bermeginiň iň uly we has möhüm mysalydyr diýsek, ýalňyş bolmasa gerek. Emma şeýle daşky bähbitleri goldamak üçin hökümetiň subsidiýalar ýa salgytlar arkaly bahalary kesgitlemäge goşulyşýan halaty örän azdyr. Umuman, emläkleýin hukugyň giňeldilmegi we bazar bahalarynyň ulgamy köplenç ýagdaýda daşky çykdajylardyr bähbitler netijesinde ýüze çykan deňagramsyzlygy aradan aýyrmakda hökümetiň örän täsirli çäreleridir.

## *Kanuny we sosial çarçuwa*

Zorlugyň, haýynlygyň açyk-aýdyň mysallaryna garamazdan bazar ykdysadyýeti ezmeklige ýa-da ogurlyga ýol bermeýär. Hakykatdan-da, eger jemgyýetde sarp edijileriň we önüm öndürijileriň ykdysady serişdelere eýelik etmek we olar bilen söwda alyp barmak baradaky kanuny hukuklary anyk kesgitlenip goralmasa, bazarlarda söwda ýatýar. Şol sebäpli bazar ykdysadyýetli ýurtlarda hökümetler ýer we jaý bilen baglanyşykly edilen söwdanyň ýazgysyny ýöredýärler, şeýle hem alyjylar bilen satyjylaryň arasynda önümleriň hemme görnüşi üçin şertnama baglaşmaga mejbur edýärler. Alyjylar satyn alýan zatlarynyň hakykatdan-da satyjylaryň özüniňkidigine we olaryň bu harytlary satmaga hukuklarynyň bardygyna göz ýetirmek isleýärler; haçanda alyjy we satyjy bir zat alyş-çalyş etmäge özara ylalaşanlarynda, şol ylalaşygyň ýerine ýetiriljekdiginden arkaýyn bolmak isleýärler. Bu şahsy suratda ýa-da köpçülik bolup, özlerini işe hakyna tutujylar bilen zähmet haklarydyr iş şertleri barada ylalaşýan işçiler babatda hem edil şeýledir. Eger-de şol kepiller yzygider we netijeli üpjün edilmese, şeýle hem adalatly we bitarap jenaýat ulgamy bolmasa, bazar ylalaşyklaryny ahyryna çenli alyp barmak has gymmat we kyn bolýar.

Bazar ykdysadyýetlerinde hökümetler emläkleýin hukugy we şol emlägi ulanmakdan alynýan ykdysady peýda hukugyny berk ýöretmelidirler we goramalydyrlar. Şonuň ýaly kepiller bolmasa, adamlaryň örän az sanlysy öz pullaryny we wagtyny hözirini döwletiň ýa-da başga bir toparyň görmegi mümkin bolan işe maýa goýmaga töwekgelçilik ederler.

Meselem, Robert bilen Mariýa „R we M. Bilim Programmasyna“ başlamaklygy niýet edenlerinde, olar ykdysady şowsuzlyk töwekgelçiligine baş goşýandyklaryny bilýärdiler, emma olar eger öz işleri üstünlikli bolsa, hususy emlägi goraýan kanunlaryň öz üstünlikleriniň ykdysady hözirini görmäge mümkinçilik berjekdigini-de bilýärdiler.

Hususy emlägiň hökümet tarapyndan goragy, elbetde, ýere, kärhanalara, ammarlara we beýleki maddy harytlara-da degişlidir, emma ol şeýle hem intellektual emläk diýilýänine, ýagny adamlaryň akyl işiniň kitaplarda we beýleki ýazmaça işlerde beýan edilen önümlerine, şekillendiriş sungatyna, kinofilmlere, ylmy açyşlara, inženerçilik oýlap tapyşlaryna, derman önümlerine we kompýuter programmalaryna hem degişlidir. Eger-de bäsdeş kärhanalar önümleriň önümçilik çykdajylary aňladýan hakyny we beýleki tölegleri tölemezden, beýleki kärhanalaryň zähmetiniň miwesini öz atlaryna geçirip satyp bilýän bolsalar, örän az sanly telekeçiler ýa kompaniýalar kesellere garşy göreşmek üçin täze dermanlary oýlap tapmak ýa täze kompýuter programmalaryny işläp düzmek ýaly gymmat düşýän we köp wagt talap edýän ylmy barlaglara, hatda täze romanlary neşir etmek işine-de maýa goýmazlar.

Alymlardyr sungat işgärleriniň işini goramak we olary höweslendirmek üçin hökümet „awtorlyk hukugy“ diýlip atlandyrylýan ýörite hukugy, kitap, aýdym, kinofilm we kompýuter programmalary ýaly intellektual emlägiň belli bir görnüşlerini goramak üçin ýa-da oýlap tapyş-laryň, dizaýnyň, önümleriň we önümçilik proseslериniň beýleki görnüşlerini goraýan patentleri döredýär. Şeýle ýörite hukuklar onuň eýelerine, ýagny şahsyýetlere ýa-da korporasiýalara öz önümlerini we döreden zatlaryny belli bir kesgitli wagtyň dowamynda satmak ýa ýerlemek üçin ýörite hukuk berýär. Prezident Abraam Linkolnyň aýdyşy ýaly olar zehin alawyna bähbit ýangyjyny guýýarlar.

Emläk hukuklaryny kesgitlemek, güýje girizmek hem-de netijeli kanun ulgamyny saklap galmak bilen hökümetler köp harytlaryň we hyzmatlaryň hususy bazarlaryna netijeli işlemäge we giň ýaýran ýörgünli goldawy almaga mümkinçilik berýän sosial gurşawy döredip bilerler.

## *Bäsdeşlik*

Robertdir Mariýa suw üpjünçilik bölümine we telefon kompaniýasyna aýba-aý pul töleýärler. Bazar ykdysadyýetindäki beýleki kärhanalaryň köpüsinden tapawutlylykda, suw üpjünçilik bölümi-de telefon kompaniýasy-da suw we telefon aragatnaşygy hyzmatlaryny üpjün edýän beýleki kompaniýalar bilen bäsleşmeýärler.

Çünki, bu edaralaryň ikisi-de „tebigy monopoliýaçydyr“, ýagny olaryň hyzmatlary diňe bir firma tarapyndan ykdysady taýdan iň tygşytly usulda üpjün edilýär. Suw turbalarynyň ikisini ýa-da düýpgöter aýry iki sany telefon ýa-da elektrik liniýalaryny çekmäge ygtyýar bermek serişdeleri bisarpa tutmak we örän netijesiz bolardy. Çykdajylara gözegçilik etmegiň we bäsdeşlik arkaly netijeliligi ýokarlandyrmagyň deregine hökümet agentlikleri olaryň öz sarp edijilerine mümkin bolan iň elýeter bahalary hödürlemeklerini we öz maýa goýumlaryndan şonda-da kanagatlanarly girdeji almaklaryny kepillendirmek üçin şeýle kompaniýalaryň bahalaryny we hyzmatlaryny kadalaşdyrýar.

Aslynda, şeýle „tebigy monopoliýaçylaryň“ sany örän az bolup, olar bazar ykdysadyýetleriniň aglabasynda ykdysady işjeňligiň kiçijik bölegini düzýär. Bir senagatda birnäçe uly firma agalyk edende, has köp ýaýran has çylşyrymly mesele ýüze çykýar. Bu ýerde esasy howp bu firmalaryň ýokary baha kesmek we bu ugra täze bäsdeş firmalaryň girmegini çäklendirmek üçin dil düwüşmek mümkinçiligidir. Şeýle monopoloýalary we dildüwşükli hereketleri gadagan edip, ykdysady ulgamda bäsdeşligiň has netijeli derejesini saklap galmak üçin bazar ykdysadyýetli ýurtlaryň aglabasynda, şol sanda Birleşen Ştatlarda-da antitrest kanunlary diýilýänler kabul edildi.

Awiasiýa ýaly käbir senagatlarda bäsdeşlik örän çäkli bolup biler, sebäbi bazardaky islegiň derejesi şeýle önümler üçin berlen iň netijeli önümçilik tehnologiýalary bar bolan diňe birnäçe uly kompaniýalary goldamak üçin ýeterlikdir. Şol sebäpli, bu syýasaty kesgitlemekde şeýle önümleri öndürýän az sanly uly kompaniýalaryň arasyndaky bu bäsdeşligiň bahalary we alynýan peýdany ýeterlik derejede pes saklamak, önümiň hilini bolsa ýokarlandyrmak üçin ýeterlikdigi ýa-da däldigi anyklanmalydyr. Eger ol ýeterlik bolmasa, olar ýene-de käbir bahalary we hyzmatlary kadalaşdyrmaga dolanyp gelip bilerler ýa-da uly kompaniýalaryň birnäçesini kanuny taýdan kiçi kompaniýalara bölüp bilerler. Eger-de muny-da başarmasalar, syýasaty düzüjiler şu birnäçe uly (eger-de önümçilik çykdajylaryny ýokarlandyrmazdan edip bolsa) kompaniýalaryň biri-biri bilen dil düwüşmegini bikanun diýip yglan edip biler we şol kanunlaryň şu kompaniýalaryň arasynda-da mümkin boldugyça köp bäsdeşligi kepillendirmegi üçin onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edip biler.

Gynansak-da, hökümetiň köp düzgünnamalary we anti-trest syýasatlary bäsdeşligi artdyrman, eýsem, hakykatda ony kemeldýär. Bu syýasat harytlarynyň ýa hyzmatlarynyň öndürilmegi üçin adatdan daşary ygtyýarnamalary daşary ýurt harytlarynyň ýa hyzmatlarynyň getirilmegini çäklendirýän salgydy, kwotalary we professional hem başarnykly işçiler üçin iş bilen meşgul bolmak baradaky ygtyýarnama bolan talaplarydyr tölegleri öz içine alýar.

Şu syýasatlaryň käbiri, ýagny patentleri we awtorlyk hukugyny hödürleýänleri başga ykdysady sebäpler esasynda aklanyp bilner. Emma beýleki çäklendirmeler o diýen manyly däldir we olaryň diňe ýörite ugurda işleýän kiçeňräk toparlara bähbitli bolanlygy üçin kabul edilýär. Şol çäklendirmeleriň çykdajylarynyň giň halk köpçüligine paýlanýandygy sebäpli, olar jemgyýetçilik närazyçylygyny az döredýär ýa-da düýbünden döretmeýär.

Umuman, ýygy-ýygydan ýüze çykýan ýetmezçiliklere garamazdan, bazar ykdysadyýeti dürli ykdysadyýetçileriň umumy pikirine görä esasy senagatlarda uly firmalara (ýa dil düwüşýän birtopar firma) monopoliýa ýagdaýyny gazanmaga mümkinçilik bermekligiň potensial çykdajylary gaty gymmat düşüp biler. Hakykatdan-da, olar hökümetiň bäsdeşligi saklap galmak üçin kanundyr düzgünleri işläp düzmekdäki çäkli roluny aklamaga ýeterlik derejede ýokarydyr.

## *Girdeji we sosial abadançylyk*

Käbir adamlaryň bazar ykdysadyýeti şertlerinde gazanç etmek ukyby ýa-da serişdesi ýokdur. Başga birleri bolsa miras galan baýlykdyr zehinden ýa-da öz maşgalalarynyň we dostlarynyň işewür, sosial, syýasy gatnaşyklaryndan peýdalanýarlar. Bazar ykdysadyýetli ýurtlarda hökümetler hökmany suratda girdejini gaýtadan paýlaýan maksatnamalar düzýärler, köplenç, olar salgyt syýasatlaryny we salgytdan soňky girdejiniň has adalatly paýlanyşyny amala aşyrmak niýeti bilen şeýle edýärler.

Giň gaýtadan paýlanyşyň tarapdarlary anti-trest kanunlarynyň bäsdeşligi we häkimiýetiň hem serişdeleriň önüm öndürijileriň arasynda giňden paýlanmagyna niýetlenişi ýaly, hökümetiň bu roly-da baýlygyň toplanmagyny we ykdysady häkimiýetiň maşgalalaryň arasynda giňden paýlanmagyny çäklendirýär diýip nygtaýarlar, emma gaýtadan paýlaýyş maksatnamalaryna garşy çykýanlar ýokary girdejili maşgalalara salynýan goşmaça salgytlar şu topara degişli adamlaryň elini işden sowadyp, serişde süýşürmekdir maýa goýmak islegini kemeldýär, ahyr netijede bolsa tutuş ykdysadyýete zyýan ýetirýär diýip, garşylyk bildirýärler.

Girdejiniň gaýtadan paýlanmagy baradaky jedel adamlaryň deňlik we adalatlylyk baradaky düşünjesine gelip direýär. Bu ugurda bolsa ne ykdysadyýetçileriň ygtyýarlylygy bardyr, ne-de bu meseläni öwrenýän beýleki bilermenleriň.

# ILATYŃ GIRDEJISI WE ONUŃ ÜÝTGEÝŞI

ABŞ ýaly senagatlaşan bazar ykdysadyýetli ýurtlarda maşgalalaryň ýyllyk girdejisindäki tapawut esasan aýlyk we zähmet haklaryndadyr. Alynýan girdejiniň dörtden üç bölegi zähmet we aýlyk haklarydyr, galan dördünji bölegini kireý haklary, peýda we göterim tölegleri düzýär.

Girdejini paýlamagyň nusgasy II Jahan urşy tamamlanany bäri, bazar ykdysadyýetli köp ýurtda durnukly bolmagynda galdy. ABŞ-nyň Ilat ýazgysy gullugynyň hasaplamalaryna görä, bu ýurtda milli girdejiniň 49% iň ýokary girdejili maşgalalaryň 20% -e düşýär. Iň ýokary girdejiniň yz ýanyndaky girdejili maşgalalaryň 20%-ne, girdejiniň 15% ortaça girdejili maşgalalaryň 20%-ne, 8% iň pes girdejiden ýokarrakdaky girdejili maşgalalaryň 20%-ne we bary-ýogy 3% bolsa iň pes girdejili maşgalalaryň 20%-ne düşýär.

Elbetde, bu sanlar ýokary girdejili adamlaryň pes girdejili adamlara garanyňda köpräk salgyt töleýändiklerini ýa-da pes girdejili maşgalalaryň azyk we kireýne kömek puly ýaly hökümetiň ýardam maksatnamalaryndan peýdalanýandyklaryny görkezmeýär. Şu tapawudyň kadalaşdyrylmagy 20% garyp maşgalalaryň alýan girdejisini 5% çenli artdyrýar we iň ýokary girdejili maşgalalaryň alýan jemi girdejisini 46% çenli kemeldýär. Emma şonda-da bu girdejileriň arasynda örän uly tapawut saklanyp galýar, özem köpler munuň näme üçin beýle bolýandygyna uzak wagtlap düşünmän geldi.

Maşgala girdejisindäki şu tapawudyň birnäçe sebäpleri bolup, ol öňki agzalyp geçilen aýlyklardaky we zähmet haklaryndaky tapawudyň çäginden çykýar we näme üçin dürli maşgalalaryň girdejisiniň wagtyň geçmegi bilen ýokarlanyp-aşaklanýandygynyň sebäbini açyp görkezýär. Meselem, ýaňyja işçi güýjüniň hataryna giren işçileriň (adatça iş tejribesi az bolan ýaş işçileriň) we pensiýa çykan uly ýaşly ýa-da doly däl iş güni bilen işleýän işçileriň pes girdejili maşgalalara degişlidigi geň däldir. Işçileriň aglabasynyň, esasan-da, bilim we tälim alanlarynyň girdejileri işläp başlan irki döwürlerinden başlap artýar. Beýleki işçileriň zähmet haklarydyr aýlyklary bolsa gysga möhletleýin işsiz galmaklygyň, keseliň, bedene şikes ýetmegiň ýa-da başga faktorlaryň netijesinde wagtlaýynça azalýar.

Şu sebäpleriň ählisine görä, girdeji paýlanyşynyň umumy durnuklylygyna garamazdan, bazar ykdysadyýetlerinde girdejiniň köpüsi bir ýerden başga ýere geçýär. Beýle diýildigi maşgalalar ýyldan-ýyla girdejiniň şu kategoriýalarynda yzygiderli ýokary galyp, aşak düşüp durýarlar diýildigidir. Meselem, bir barlagyň netijesine görä, 7 ýyldan soňra ilkibaşda ABŞ-nyň 20% ýokary girdejili maşgalalaryň arasynda bolan maşgalalaryň ýarsyndan gowragy aşaky kategoriýalaryň birine düşüpdir, 6% bolsa iň pes girdejisi bolan 20% maşgalalara goşulypdyr. Şol ýedi ýylyň dowamynda ilkibaşda iň pes girdejili maşgalalaryň ýarysyna golaýy (45%) haýsydyr bir ýokary girdejili topara ösüp geçipdir; olaryň 4% golaýy bolsa iň ýokary girdejili maşgalalaryň 20% goşulypdyr.

Köpräk wagtyň geçmegi bilen barly adamlaryň çagalarynyň aglabasynyň ortaça girdejiden ýokary girdeji aljakdygy anyklandy, emma ortaça alanyňda, olaryň girdejisi ata-eneleriniňki ýaly ýokary bolmaz. Şonuň ýaly-da, garyplaryň çagalarynyň aglabasy ortaça girdejiden pesräk girdeji alarlar, emma olaryň girdejileri ortaça girdejiden ata-eneleriniňki ýaly pes bolmaz. Üç nesliň dowamynda, aýdaly, şu günki baý ýa-da garyp maşgalalaryň agtyklaryny alyp görenimizde, pul gazanmakdaky ähli ýeňillikler ýa olaryň bolmazlygy, süpürilip aýrylýar. Bu netije ähli baý ýa-da garyp maşgalalar barada dogry bolmasa-da, olaryň aglabasy babatda şeýledir.

Bu hasabat beriş häsiýetli waka iki sany möhüm zady açyp görkezýär: birinji, zähmet we beýleki önümçilik serişdeleriniň bazarlary bazar ykdysadyýetlerindäki işçileriň aglabasyny, hatda islendik ýyly alanyňda iň pes girdeji alýan adamlary-da geregiçe azatlyk we mümkinçilik bilen üpjün etmäge ýeterlik derejede açykdyr. Emma, ikinjiden, şol mümkinçiliklere garamazdan, bazar ykdysadyýetlerindäki üýtgeşmeleriň depgini häzir şeýle bir ýokary welin, işçileriň käbiriniň oňa eýermezligi mümkin. Şol sebäpli-de olary yzyna, bäsdeşlige ukyply zähmet bazarlaryna gaýtaryp getirmek ýa-da olara mynasyp ýaşaýyş derejesini saklap galmakda kömek etmek üçin oýlanyşykly işlenip düzülen tälim beriş we kömek maksatnamalaryna zerurlyk ýüze çykýar.

1930-njy ýyllardan we Uly depressiýa döwründen bäri bazar ykdysadyýetli uly ýurtlaryň hökümetleri pes girdejili maşgalalara giň möçberli girdeji-kömek maksatnamalaryny hödürlemek arkaly bu meseleleri çözüp gelýärler. Şu goldawyň derejesi we görnüşi şol ýurtlaryň aglabasynda jedelli syýasy meseleler bolmagynda galýar. Emma häzir bazar ykdysadyýetli ýurtlaryň syýasy ýolbaşçylarynyň aglabasy garyp maşgalalary, esasan-da, şol maşgalalardaky çagalary goramak baradaky hökümetiň „howpsuzlyk ulgamy“ diýilýän ýardam maksatnamasyna we esasy ýaşaýyş-durmuş hyzmatlaryna zerurlygyň bardygyny ykrar edýärler.

Şu maksatnamalar ýoksullygyň ýüküni ýeňilleşdirmäge kömek etse-de, garyplygyň soňuna çykmakda üýtgeşik bir netije bermedi. Şeýlelikde, garyplara nähili ýol bilen iň gowy kömek edip boljakdygy baradaky jedeller henizem dowam edýär.

Olaryň bar edip biljek zady dürli wagtyň dowamynda ykdysady ulgamyň dürli görnüşlerinde girdejiniň we baýlygyň paýlanyşyna nämeleriň bolup geçendigini resmileşdirmek we şol maglumaty dürli syýasatlaryň önümçiligiň, süýşürintginiň we maýa goýumynyň milli derejesi diýen üýtgäp durýan ölçeglere nähili täsiriniň bardygyny kesgitlemäge synanyşykda ulanmakdyr.

Şu asyryň dowamynda sosial konsensus işlenip düzüldi, oňa laýyklykda bazar ykdysadyýetli aglaba ýurtlaryň hökümetleri duýgudaşlyk we adalat duýgusyndan ugur alyp, ýurtdaky has mätäçlik çekýän maşgalalary üpjün etmekde we garyplykdan halas bolmaga synanyşmakda olara kömek etmelidir. Bazar ykdysadyýetli ýurtlaryň hökümetleri işsizlere goldaw berip, garyplary medisina hyzmaty, zähmet dynç alşyna çykanlary bolsa pensiýa bilen üpjün edýärler. Bilelikde alnanda, bu maksatnamalaryny käwagtlar „sosial howpsuzlyk ulgamy“ diýilýänini emele getirýärler.

Soňky 40 ýylyň dowamynda bu sosial maksatnamalar senagat taýdan ösen ykdysadyýetleriň aglabasynda hökümetiň sarp ediş we salgyt maksatnamalarynyň ýokary tizlik bilen ösýän böleklerine öwrüldi. Şeýlelikde, şu maksatnamalaryň üstündäki häzirki jedel olaryň gerekdigi, däldigi barada bolman, eýsem olaryň näderejede giň bolmalydygy we adamlaryň işlemäge hem-de serişde jemlemäge bolan höwesini saklap galmak bilen şular ýaly girdejini gaýtadan paýlaýyş maksatnamalaryny nähili dolandyryp boljakdygy baradadyr.

## *Hökümetiň maliýe we pul syýasatlary*

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde hökümetler hususy telekeçilik bazarynyň iň netijeli işläp biljek ykdysady şertlerini üpjün etmekde aýgytly rol oýnaýarlar. Şeýle rollaryň biri-de gödeksi we netijesiz alyş-çalyş ulgamyna bolan mätäçligi aradan aýyrýan giňden kabul edilen durnukly pul bilen üpjün edip, inflýasiýany (harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň tutuş derejesiniň ýokarlanmagyny) çäklendirýän syýasatlar arkaly şol puluň hümmetini saklap galmakdyr.

Taryhdan bilşimiz ýaly, bazar ykdysadyýetine wagtal-wagtal tiz ýokarlanýan bahalaryň derejesi, käwagtda bolsa işsizligiň ýokary derejesi ýa-da hem inflýasiýanyň, hem-de işsizligiň ýokary derejesi öz täsirini ýetirip gelipdir.

Bagtymyza, şu ýagdaýlaryň köpüsi ýumşak we gysga wagtlaýyn bolup, bir ýyla ýa-da ondan-da az wagta çekdi. Olaryň käbiri, meselem, 1920-nji ýyldaky German giperinflýasiýasy we Beýik Depressiýa ady bilen taryha giren 1930-njy ýyllaryň bütindünýä işsizligi has dowamly we gazaply boldy.

Ykdysadyýetçiler we hökümetiň syýasatyny düzüjiler diňe şu asyrda maliýe we pul syýasaty ady bilen belli bolan durnuklaşdyryş syýasatlarynyň standart ulgamyny işläp düzdüler, hökümetler olary şeýle ýagdaýlary kadalaşdyrmakda ýa-da ýok etmäge synanyşykda ulanyp bilerler.

Maliýe-büjet syýasatlary hökümetiň ýokary işsizlik we pes inflýasiýa bolanda, milli ykdysadyýeti goldamaga ýa-da inflýasiýa ýokary derejede, işsizlik pes bolanda, ony haýallatmaga gönükdirilen pul sarp edilişi we salgyt maksatnamalaryna degişlidir. Sarp edişiň, önümçiligiň we işe hakyna tutulmanyň tutuş derejesini galkynyşa itermek üçin, hatda, bu gytçylyga alyp barsa-da, hökümetiň özi köpräk serişde sarp eder we azrak salgyt salar. (Gelejekde ol ýitginiň öwezini dolmak üçin artykmaç kapital getirip biljek düzgüne geçmeli bolar.)

Aşa gyzan ykdysadyýeti, ýagny iş gerek bolan adamlaryň hemmesiniň işleýän, emma sarp edişiň we bahalaryň tiz ýokarlanýan ykdysadyýetini haýallatmak üçin, hökümet birnäçe ýollar arkaly bahalaryň has ýokarlanmagynyň öňüni alyp biler. Ol umumy sarp edilişi we önümçilik derejesini kemeltmek üçin öz sarp edýän serişdelerini kesip, salgytlary bolsa galdyryp biler, ýa-da bu çäreleriň ikisini-de ulanyp biler.

Pul syýasaty ýurduň pul üpjünçiligindäki we karz puluň elýeter bolmagyndaky üýtgeşmeleri öz içine alýar. Işsizligiň derejesiniň ýokary, inflýasiýanyň bolsa pes döwründe sarp edilişi artdyrmak üçin, syýasaty düzüjiler puluň üpjün edilişini artdyrýarlar, bu bolsa göterimiň derejesini, ýagny puluň bahasyny peseldýär, şeýlelikde, banklaryň köpräk karz bermekligini aňsatlaşdyrýar. Bu bolsa adamlaryň eline goşmaça pul bermek bilen, sarp ediş arkaly serişdeleriň köpräk harçlanmagyna höweslendirýär. Pes derejedäki göterim öz işini giňeltmek ýa-da köpräk işçi tutunmak isleýän kärhanalary-da maýa goýum üçin serişde sarp etmäge höweslendirýär.

Onuň tersine, ýokary inflýasiýa we pes işsizlik döwründe syýasaty düzüjiler göterimi ýokarlandyrmak, şeýlelikde bolsa pul üpjünçiligini we karzlaryň elýeterliligini kemeltmek arkaly, ykdysadyýeti sowadyp bilýärler. Şeýlelikde, ykdysadyýetde sarp etmäge az pul bardygy, göterimiň derejesiniň bolsa ýokarydygy sebäpli, hem sarp ediş, hem bahalar aşaklar ýa-da iň bolmanda, öňküsinden haýal artar. Netijede, hem önümçilik, hem işe hakyna tutma kemeler.

Pul we maliýe syýasatlary işewür işjeňligiň ýokarlanyp-aşaklanmagyny durnuklaşdyrmak üçin 1960-njy ýyllara çenli giňden ulanylmaýardy. Häzirki wagtda, uruş, suw joşguny, ýer titreme we gurakçylyk ýaly, ynsandyr tebigy betbagtçylyklardan beýleki halatlarda bu durnuklaşdyryjy syýasatlar işsizlikdir inflýasiýanyň gazaply girdabyndan aman galmakda ulanylyp bilner. Emma, olaryň milli ykdysadyýetiň işjeňligindäki gysgarak hem-de ýumşagrak üýtgeşmeleriň garşysyna ýa-da hem işsizligiň, hem inflýasiýanyň derejesiniň ýokarlanýan ýagdaýyndaky netijeliligi gaty bir anyk däldir.

Bu nämälimligiň birnäçe sebäpleri bolup, olaryň biri-de meseläniň nämededigini kesgitlemek, meseläni çözmek üçin syýasy çäreleriň degişli toplumyny işläp düzmek, ahyrsoňunda bolsa şol çäreler öz netijesini berýänçä, garaşmak üçin wagtyň gerekligidir. Şu ýerde

# TEHNOLOGIÝA YKDYSADY ÖZGERIŞIŇ ÇEŞMESI HÖKMÜNDE

Taryh tehniki ösüşiň ýa açyşyň täze bir senagaty emele getirýän, ykdysadyýetlerde esasy özgerişleri döreden ýagdaýlaryndan doludyr. Meselem, bug bilen işleýän hereketlendirijiler ilkibaşda örän agyr we uly bolany üçin, olary diňe bir duran ýerinde, mysal üçin, fabriklerde ulanmak peýdaly bolupdyr. Ýöne metal senagatyndaky öňe gidişlikler hem güýçli, hem ýeňilräk motorlary döretmäge mümkinçilik berdi. Onuň netijesinde demirýol senagaty döräp, ol Ýewropanyň, Amerikanyň we dünýäniň beýleki köp bölekleriniň ykdysady ösüşinde wajyp rol oýnady.

Soňky ýyllarda tranzistoryň, birneme soňra bolsa ýokary derejede integrirlenen shemalaryň döredilmegi elektronikada öwrülişigiň amala aşmagyna getirdi. Öň has uly, gymmat, haýal işleýän we ýygy-ýygydan döwülýän kompýuterler indi has kiçi, arzan, tiz işleýän we ygtybarly boldy. Uly we gymmatbaha kompýuterler diňe uly kärhanalarda, uniwersitetlerde we hökümet edaralarynda ulanylýardy. Häzir bolsa olar kiçi hem arzan bolup, hemme ýerde, ýagny kiçi kärhanalarda, adamlaryň öýlerinde, başlangyç mekdepleriň okuw otaglarynda we hatda uçar ýolagçylarynyň oturýan ýerlerinde-de ulanylýar.

Tehniki özgerişe haýsy-da bolsa bir işi tizräk ýa has netijeli ýerine ýetirmegiň ýoly bilen üpjün edýän zat hökmünde garalýar. Şular ýaly özgerişler möhüm ähmiýete eýe bolsalar-da, ykdysadyýetiň ylmy ösüşden peýdalanmagynyň asla ýeke-täk ýoly däldirler.

Tehniki özgerişiň köplenç öň güýçli monopoliýany ýok etmek bilen ykdysadyýetdäki bäsdeşligi has-da ýitileşdirmek häsiyeti bardyr. Meselem, demir ýollar 19 asyryň ahyryna çenli gury ýerde ýolagçy gatnatmakda monopoliýa eýe bolup gelipdi, emma içinden ýandyrylýan dwigateliň oýlanyp tapylmagy otlularyň, gämileriň we uçarlaryň arasynda güýçli bäsdeşligiň döremegine getirdi.

Plastmassanyň we beýleki materiallaryň oýlanyp tapylmagy polat senagaty bilen bäsdeşligiň döremegine getirdi, bu bolsa birnäçe onýyllyk mundan öň örän wajyp bolan polat senagatynyň häzir o diýen wajyp bolmadyk pudaga öwrülmegine alyp bardy.

Ýaňy-ýakynda mikrotolkunyň, hemra we süýümli optika tehnologiýalarynyň oýlanyp tapylmagy dünýäniň hemme ýurtlarynda hökümetiň telekommunikasiýadaky monopoliýasynyň soňuna çykylmagyny çaltlaşdyrdy. Mysal üçin, ABŞ-da *„Amerikan Telefon end Teligraf“* kompaniýasynyň uzak aralyk hyzmatlary pudagynda elde saklap gelen monopoliýasy US Sprint we MCI telekommunikasiýa firmalary tarapyndan ýok edildi. Bu firmalar düýbünden täze, bäsleşikli telefon bazaryny döretmek üçin (uzak aralyk hyzmatlaryny has arzan düşürip) mikrotolkun tehnologiýasyndan we (artyp barýan önümçilik netijeliligi täsiri astynda) barha peselýän bahalardan peýdalandylar. Netijede, amerikaly sarp ediji üçin bazar tarapyndan kesgitlenýän hil we saýlap almak mümkinçiligi peýda boldy.

(Robert Don)

bir hakyky töwekgelçilik bar, ýagny hökümetiň syýasatlary öz netijesini berýänçä, ilkibaşdaky meseläniň öz-özünden çözülmegi ýa-da düýbünden başga bir ugur almagy mümkin. Şeýle halatda, durnuklaşdyrma prosesiniň gerek bolmazlygy ýa-da hatda onuň garşylykly täsiriniň bolmagy-da ähtimaldyr.

Işsizlik bilen inflýasiýanyň derejesiniň birbada ýokarlanan halatynda, hökümetleriň ýolaýyrdynda galmaklary mümkin. Sebäbi, pul we maliýe syýasatlary inflýasiýadyr işsizligiň birwagtda ýokarlanmagyna getirýän üpjünçilikdäki otnositel duýdansyz pese düşme bilen göreşmek üçin däl-de, eýsem, ýurtdaky tutuş sarp edişiň derejesini kadalaşdyrmak üçin döredilendir. Şeýle ýagdaý haçan döräp biler? Bir gezek öten asyryň 70-nji ýyllarynda ýüze çykdy. Şonda, esasy nebit öndürýän ýurtlar tarapyndan nebitiň daşary ýurda çykarylmagy gadagan edilipdi. Netijede, bahalar galyp, senagat taýdan ösen döwletleriň hemmesiniň ykdysadyýetlerinden tolkun atyp geçdi. Üpjünçilikdäki şeýle pese düşmeler bahalary ýokarlandyryp, önümçiligi we iş üpjünçiligini peseldýär.

Üpjünçiligiň peselmegi netijesinde milli ykdysadyýete ýeten şeýle urga garşy durmak üçin hökümet adamlaryň önüm öndürmek, serişdeleri süýşürmek we maýa goýmak höweslerini artdyrmaga; ýurtda monopoliýa güýjüni azaltmak arkaly bäsdeşligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýa-da esasy baýlyklaryň, meselem, nebit ýaly harytlaryň ýa injenerler ýaly başarnykly işçileriň ýetmezçiligini ýok etmäge synanyşyp biler. Meselem, nebitiň daşary ýurda çykarylmagyna çäklendirme girizilen ýagdaýynda, hökümet ýurduň öz içinde nebitiň çykarylmagyny goldap, energiýanyň netijeli sarp edilişine we goralmagyna goltgy berip, şeýle hem alternatiw energiýa çeşmelerine maýa goýup biler. Ýöne, üpjünçilik syýasaty diýilýän bu syýasatlaryň köpüsi haýal işleýär, olar aýlaryň däl-de, ýyllaryň dowamynda amala aşýar.

Hökümetler bazar ykdysadyýetindäki inflýasiýanyň we işsizligiň garşysyna alnyp barylýan uzak göreşde hiç hili serişde hödürläp bilmeseler-de, olar bu meseläniň täsirini ýumşatmakda netije gazanyp bilerler.

Häzirki döwürde ykdysadyýetçileriň aglabasy hökümetleriň uzak möhletli durnuklaşdyryş syýasatlary arkaly işsizlige we inflýasiýa garşy göreşmekdäki wajyp roluny ykrar edýärler. Ol pul üpjünçiligindäki ösüşiň umumy durnukly derejesini, hökümetiň ykdysadyýet haýallanda, öz-özünden ýokarlanýan, ykdysadyýet ýokary galanda bolsa, öz-özünden aşaklaýan sarp ediş maksatnamalaryny (işsizlere tölenýän tölegleri) we haçanda sarp edijileriň hem-de işçileriň girdejisi peselende azrak, ýokarlananda bolsa, köpräk alýan sarp ediş maksatnamalaryny güýçlendirýän salgyt grafiklerini öz içine alýar.

Bazar ykdysadyýeti ýurtlarynda wagtlaýyn, emma käwagtlar ýiti suratda ýüze çykýan işsizligiň we inflýasiýanyň duýdansyz ýokarlanan ýagdaýynda hökümet tarapyndan kabul edilen gysga möhletli pul we maliýe syýasatlary-da ulanylýar.

Jemläp aýdanymyzda, ykdysady ulgamyň islendik görnüşinde, şol sanda bazar ykdysadyýetinde-de hiç haçan doly ýa-da hemişelik çözgüdi bolmadyk birnäçe meseleleriň bardygyny ykrar etmek wajypdyr. Ol meseleler olara täsir edýän ykdysady we syýasy güýçleri oýlanyşykly göz öňünde tutmak bilen her halat boýunça aýratynlykda alnyp, iş ýüzünde öwrenilmelidir. Diňe şeýle ýagdaýda demokratik syýasy ulgam, ýagny jemgyýetçilik meseleleriniň erkin we açyk maslahatlaşylmagyna mümkinçilik berýän ulgam erkin bazar ykdysadyýetiniň işlemegi üçin iň netijeli ulgam bolup biler.

*Maýkl Wotts ykdysadyýet boýunça doktorlyk derejesini 1978-nji ýylda Luiziana ştat uniwersitetinde aldy. Ol häzir Ykdysady bilim merkeziniň direktory we Indiana ştatynyň West Lafaýýet şäherindäki Perdýu uniwersitetiniň professory. Ol şeýle hem* „Jönel ow Ikonomik Edýukeýşn” *žurnalynyň redaktorynyň kömekçisi. Professor Wotts uniwersitetiň we taýýarlyk kollej talyplarynyň ykdysadyýeti nähili öwrenýändiklerini kesgitlemek, bilim maksatnamalarynyň, materiallarynyň şeýle hem mugallymlaryň işiniň netijeliligine baha bermek maksady bilen geçirilen tejribä esaslanýan köp sanly derňewleriniň netijelerini neşir etdi. Ol makalalar* „Riwýu ow ikonomiks änd stätistiks”, „Ze jönel ow ikonomik edýukeýşn” *we beýleki žurnallarda çap edildi. Doktor Wotts şeýle hem kollejler we orta mekdepler üçin ykdysadyýet kitaplarynyň awtorydyr.*

---

*Bu kitap Ykdysady bilim baradaky bilelikdäki geňeş tarapyndan çapa taýýarlandy. Geňeşçi: Katerin Mann, ABŞ-nyň Prezidentiniň Ykdysadyýet meseleleri boýunça seljerijileri geňeşiniň Ykdysadyýet bölüminiň başlygy*

REDAKTOR: HOWARD ÇINKOTA
INTERNET GÖRNÜŞININ REDAKTORY WE BEZEGÇISI: BARBARA MORGAN
JILDINI WE SAHYPALARYNY BEZÄN: ROBERT BANKS

ABŞ-nyň Döwlet Departamenti

GPS Produced by Global Publishing Solutions (A/ISS/GPS)